# TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOW:
# – ÝURDUMYZYŇ HIMIÝA SENAGATYNDA TÄZE ÖNÜMÇILIKLERI DÖRETMEK BOÝUNÇA NETIJELI IŞLER ALNYP BARYLÝAR.

ZAMAN
INTERNATIONAL MEDIA TÜRKMENISTAN
17-nji oktýabr, 2025. Belgisi 42/1660



# ÝURDUMYZYŇ HIMIÝA SENAGATY OKGUNLY ÖSDÜRILÝÄR

***15-nji oktýabrda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Türkmenabat şäherindäki S.A.Nyýazow adyndaky himiýa zawodynda mineral dökünleri öndürýän toplumyň düýbüni tutmak dabarasyna gatnaşdy.***

Hormatly Prezidentimizi Türkmenabat şäheriniň Halkara howa menzilinde Mejlisiň Başlygy, Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasarlary, Lebap welaýatynyň häkimi mähirli garşyladylar. Bu ýerde medeniýet we sungat işgärleriniň aýdym-sazly çykyşlary ýaýbaňlandyryldy.

Soňra döwlet Baştutanymyz dabaranyň geçirilýän ýerine bardy. Hormatly Prezidentimiz dabara mynasybetli guralan aýdym-sazly çykyşlara tomaşa edenden soňra, ýörite gurnalan mejlisler zalyna bardy hem-de bu ýerde gutlag sözi bilen çykyş etdi.

Döwlet Baştutanymyz Lebap welaýatynyň Türkmenabat şäherindäki S.A.Nyýazow adyndaky himiýa zawodynda mineral dökünleri öndürýän toplumyň düýbüni tutmak dabarasyna gatnaşyjylary bu şatlykly waka bilen tüýs ýürekden gutlap, himiýa senagatynyň ykdysadyýetimiziň möhüm pudaklarynyň biri bolup durýandygyny belledi. Nygtalyşy ýaly, pudagy ösdürmek üçin ýurdumyzda giň gerimli işler alnyp barylýar. Uly möçberli maýa goýumlar özleşdirilip, iri taslamalar amala aşyrylýar. Önümçilige döwrebap tehnologiýalar ornaşdyrylýar. Häzirki döwürde Diýarymyzyň himiýa senagatynda birnäçe iri kärhanalar netijeli işleýär. Şol kuwwatly kärhanalarda öz ýerli çig mallarymyzy ulanmak arkaly ýokary hilli önümler öndürilýär we bu önümleriň möçberi yzygiderli artdyrylýar.

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ýurdumyzda durmuşa geçirilýän iri taslamalar, ulanmaga berilýän täze önümçilik desgalary ykdysadyýetimizi pugtalandyrmaga, halkymyzyň abadan we bagtyýar durmuşda ýaşamagyny üpjün etmäge gönükdirilendir diýip, hormatly Prezidentimiz sözüni dowam etdi we şol taslamalar amala aşyrylanda ekologik talaplaryň berjaý edilmegine, ösen tehnologiýalaryň ornaşdyrylmagyna möhüm ähmiýet berilýändigini nygtady. Şonuň netijesinde hyzmatdaşlarymyz bilen bilelikde amala aşyrýan iri senagat taslamalarymyz ýokary hil derejesine, innowasion çözgütlere we ekologik talaplara doly laýyk gelýändigi barada abraýly halkara guramalaryň oňyn bahalaryna mynasyp bolýar.

Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň belleýşi ýaly, «Türkmenhimiýa» döwlet konserniniň S.A.Nyýazow adyndaky himiýa zawodynda mineral dökünleri öndürýän täze toplumyň taslamasyny Koreýa Respublikasynyň «Daewoo» kompaniýasy ýerine ýetirer. Düýbi tutulýan bu toplumyň gurluşygynda ekologik talaplary berjaý etmäge mümkinçilik döretjek innowasion tehnologiýaly enjamlar we serişdeler ulanylar. Täze toplum ýurdumyzyň oba hojalyk önüm öndürijilerini we içerki sarp edijileri ýokary hilli fosforly dökünler bilen ygtybarly üpjün etmäge mümkinçilik berer. Garaşsyz döwletimizde azyk howpsuzlygyny berkitmäge hem-de daşary ýurtlardan getirilýän fosforly dökünleri özümizde öndürmäge şert döreder.

Toplumda ýylda 350 müň tonna superfosfat we 100 müň tonna ammoniý sulfaty öndüriler. Ol ulanmaga berlenden soň, ýurdumyzyň himiýa senagatynyň kuwwatyny ep-esli artdyrmaga mümkinçilik berer. Döwrebap himiýa kärhanasynyň işe girizilmegi bilen, goşmaça iş orunlary dörediler. Onda zähmet çekjek hünärmenleriň köpüsi daşary ýurtlaryň ýokary okuw mekdeplerinde taýýarlanyp, olaryň işlemegi üçin ähli zerur şertler üpjün ediler.

Ýurdumyzyň himiýa senagatynda täze önümçilikleri döretmek boýunça netijeli işler alnyp barylýar, ýagny Balkan welaýatynyň Türkmenbaşy etrabynda karbamid öndürýän toplumy, Ahaldaky gazdan benzin öndürýän zawodyň ikinji tapgyryny, Mary welaýatynyň Mary etrabynyň çäginde mineral dökünleri öndürýän zawody gurmak meýilleşdirilýär diýip, hormatly Prezidentimiz sözüni dowam etdi we şeýle iri taslamalaryň amala aşyrylmagynyň himiýa senagatyny ösdürmäge uly üns berilýändigine şaýatlyk edýändigini nygtady.

Döwlet Baştutanymyz ýurdumyzyň beýleki welaýatlary bilen bir hatarda, Lebap welaýatyny hem durmuş-ykdysady taýdan ösdürmäge möhüm ähmiýet berilýändigini, bu ýerde kuwwatly senagat kärhanalarynyň, medeni-durmuş maksatly binalaryň we desgalaryň yzygiderli gurlup ulanmaga berilýändigini aýtdy. Häzirki wagtda Aşgabat – Türkmenabat ýokary tizlikli awtomobil ýolunyň Mary – Türkmenabat bölegniň gurluşygy tamamlaýjy tapgyrda alnyp barylýar. Türkmenabat şäherinde bolsa Seýitnazar Seýdi adyndaky Türkmen döwlet mugallymçylyk institutynyň täze binalar toplumynyň gurluşygy dowam edýär diýip, hormatly Prezidentimiz belledi hem-de geljekde-de ýurdumyzyň sebitlerini toplumlaýyn ösdürmek, täze, döwrebap önümçilikleri döretmek boýunça maksatnamalaýyn işleriň üstünlikli dowam etdiriljekdigini tassyklady.

Döwlet Baştutanymyz Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda Lebap welaýatynyň Türkmenabat şäherindäki himiýa zawodynda mineral dökünleri öndürýän toplumyň düýbüniň tutulmagy bilen dabara gatnaşyjylaryň ählisini ýene-de bir gezek tüýs ýürekden gutlap, hemmelere berk jan saglyk, maşgala abadançylygyny, alyp barýan işlerinde uly üstünlikleri arzuw etdi.

Hormatly Prezidentimiziň çykyşy şowhunly el çarpyşmalar bilen garşylanyldy. Soňra ekranda superfosfat we ammoniý sulfatyny öndürýän toplum bilen tanyşdyrýan wideofilm görkezildi.

Soňra çykyş etmek üçin Koreýa Respublikasynyň «Daewoo Engineering & Construction Co., Ltd.» kompaniýasynyň müdiriýetiniň başlygy Jong Wonjuwa söz berildi. Ol, ilki bilen, bu möhüm taslamanyň ýolbaşçylyk edýän kompaniýasyna ynanylandygy üçin hormatly Prezidentimize hem-de Gahryman Arkadagymyza tüýs ýürekden hoşallyk bildirip, şu günki dabaranyň diňe bir zawodyň düýbüniň tutulmagy bolman, eýsem, Türkmenistanda abadançylygy, durnukly ösüşi üpjün etmegiň ýolunda nobatdaky ädim bolup durýandygyny belledi. Nygtalyşy ýaly, mineral dökünleri öndürýän toplumyň gurluşyk taslamasy ýurduň gazhimiýa senagatynyň hem-de oba hojalygynyň ösüşine uly goşant goşjak milli taslamalaryň biridir. Bu taslamanyň durmuşa geçirilmegi täze iş orunlaryny döretmäge hem-de sebitiň ykdysadyýetini ösdürmäge mümkinçilik berer.

Soňra döwlet Baştutanymyz ýaş nesliň wekilleriniň haýyşy boýunça täze desganyň düýbüniň tutulmagy mynasybetli ýadygärlik ýazga gol çekdi hem-de ol ýörite gutujyga salyndy. Ýadygärlik ýazgy galdyrylan gutujyk ýygnananlaryň şowhunly el çarpyşmalary astynda täze toplumyň binýadyna atyldy. Hormatly Prezidentimiz toplumyň binýadyna ilkinji beton garyndysyny atýar we halkymyzyň asylly däbine eýerip, bu başlangyja ak pata berýär.

Döwlet Baştutanymyzyň göreldesine eýerip, dabara gatnaşyjylar hem desganyň düýbüne beton garyndysyny atdylar. Soňra hormatly Prezidentimiziň adyndan çagalara sowgatlar gowşuryldy. Arkadagly Gahryman Serdarymyz çagalaryň haýyşy boýunça olar bilen ýadygärlik surata düşdi.



## Hemişelik Bitaraplyk – parahatçylygyň gözbaşy

Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda ýurdumyzyň hemişelik Bitaraplygyň şanly 30 ýyllyk toýuny ýokary derejede belläp geçer. Bu şanly baýramçylyk Bitaraplyk syýasatymyzyň Ýer ýüzünde has-da dabaralanmagyna ýardam eder.



Häzirki wagtda Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygynyň 30 ýyllygy hem-de Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasy tarapyndan 2025-nji ýylyň «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» diýlip yglan edilmegi mynasybetli çäreleri iň ýokary derejede geçirmek boýunça degişli işler alnyp barylýar. ■ 3

## Halkymyzyň abadan durmuşy üpjün edilýär

**Gahryman Arkadagymyzyň asylly başlangyçlary netijesinde hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda halkymyzyň sagdyn, abadan we bagtyýar durmuşyny üpjün etmek wezipesi döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biri hökmünde kesgitlenildi. Şunuň bilen baglylykda, döwrebap lukmançylyk desgalaryny gurmak baradaky çözgüt ilatyň saglyk ýagdaýynyň pugtalandyrylmagyna berilýän uly ünsüň aýdyň beýanydyr. Mälim bolşy ýaly, hormatly Prezidentimiz ýakynda paýtagtymyz boýunça iş saparyny amala aşyryp, Aşgabat şäherinde we welaýatlarda gurulmagy meýilleşdirilýän saglygy goraýyş maksatly desgalaryň şekil taslamalary bilen tanyşdy.** ■ 3



## Sanly ösüş parahatçylygyň we ösüşiň ýoludyr

XXI asyr maglumat tehnologiýalarynyň we sanly ykdysadyýetiň asyrydyr. Dünýä ykdysadyýetiniň häzirki ösüş derejesi maglumatlaryň, intellektual mümkinçilikleriň we innowasiýanyň täze görnüşlerini talap edýär. Şu nukdaýnazardan, Türkmenistan sanly ykdysadyýeti ösdürmek ugrunda alnyp barylýan döwlet derejesindäki tagallalary bilen halkara jemgyýetçiliginiň ünsüni özüne çekýär.



Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan tassyklanan «Türkmenistanda sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň 2026 – 2028-nji ýyllar üçin Konsepsiýasy» ýurdumyzyň ykdysady ulgamyny täze derejä çykarmagy, döwleti dolandyrmagyň netijeliligini ýokarlandyrmagy hem-de dünýä ykdysady giňişligine has çuň integrasiýany maksat edinýär. ■ 3

## Gahryman Arkadagymyzyň täze kitaplary çapdan çykdy

***Ýurdumyzda Saglygy goraýyş we derman senagaty işgärleriniň gününiň giňden bellenilýän günlerinde Gahryman Arkadagymyzyň «Türkmenistanyň dermanlyk ösümlikleri» atly köp jiltli ylmy-ensiklopedik kitabynyň XVII jildiniň we «Saglygy goraýyşda ýetilen sepgitler» atly kitabynyň çapdan çykmagy halkymyz üçin ajaýyp sowgat boldy.***




«Türkmenistanyň dermanlyk ösümlikleri» atly kitabyň XVII jildi, ozalkylarda bolşy ýaly, «Dermanlyk ösümlikleriň häsiýetnamasy» hem-de «Maglumatnama» diýen iki bölümden ybarat bolup, 107 sany dermanlyk ösümlik barada doly we düýpli maglumatlar berilýär.

Kitap ylmy ýörelgeleri ugur edinip, dermanlyk ösümlikleriň atlaryndan ybarat sözlügi, dermanlyk içgileri taýýarlamagyň, olary ýygnamagyň usullary, şeýle hem saklamagyň möhletleri baradaky maglumatlary özünde jemleýär. Milli Liderimiziň täze kitabynda «tebigy dermanhana» yzygiderli ýüzlenýän Gündogar lukmançylygynyň görnükli alymlarynyň, türkmen tebipleriniň nesilden-nesle geçip gelýän iň gowy tejribeleri beýan edilýär.

Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda Gahryman Arkadagymyzyň başlangyjy bilen işlenip taýýarlanylan «Saglyk» Döwlet maksatnamasynyň kabul edilmegine 30 ýyl boldy. Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň akademigi, lukmançylyk ylymlarynyň doktory, professor Gurbanguly Berdimuhamedowyň «Saglygy goraýyşda ýetilen sepgitler» atly täze kitaby şu geçen döwürde milli saglygy goraýyş ulgamyny ösdürmek babatda ýetilen sepgitlere bagyşlanýar.

Türkmen halkynyň Milli Lideriniň «Saglygy goraýyşda ýetilen sepgitler» atly kitaby ýurdumyzyň saglygy goraýyş we derman senagaty ulgamynda durmuşa geçirilen ägirt uly işleri anyk delilleriň, maglumatlaryň üsti bilen beýan edýän 22 bölümden ybarat. Kitap «Il saglygy – ýurt baýlygy», «Saglygy goraýyş ulgamynyň guramaçylygy we dolandyrylyşy» atly bölümler bilen açylýar. Onda täze döwrümiziň döredijilik kuwwatynyň nyşany bolan Arkadag şäheriniň lukmançylyk desgalaryna aýratyn bölüm bagyşlanypdyr. «Keselleriň öňüni almak – sagdyn durmuşyň esasy», «Sanitariýa-epidemiologiýa abadançylygyny üpjün etmek», «Döwrebap bejeriş-öňüni alyş usullary», «Ýokanç däl keselleriň öňüni almak» atly bölümlerde öňüni alyş çäreleriniň oňyn netijeleri barada giňişleýin maglumat berilýär. «Saglygy goraýyş ulgamynyň kämil maddy-tehniki binýady», «Saglygy goraýşyň maliýe üpjünçiligi» atly bölümlerde ulgamy özgertmekde durmuşa geçirilen işler beýan edilýär. «Sagdyn ene – sagdyn nesil» atly bölümde eneleriň we çagalaryň saglygyny goramak babatda alnyp barlan işler, «Hassahana bejergisi» atly bölümde döwrebap enjamlaryň adamyň saglygyny goramakdaky ähmiýeti barada söhbet edilýär.

Täze kitapda milli saglygy goraýyş ulgamynyň kardiologiýa, pulmonologiýa, onkologiýa, endokrinologiýa gulluklarynyň ösüşine aýratyn bölümler bagyşlanypdyr. «Derman senagatynda ösüşler», «Ilatyň derman serişdeleri bilen üpjünçiligi» atly bölümlerde degişli ugurda Garaşsyzlyk ýyllarynda gazanylan üstünlikler beýan edilýär. «Melhemli şypahanalar» atly bölümde ýurdumyzyň şypahana ulgamynyň mümkinçilikleri barada durlup geçilýär. Saglygy goraýyş işgärleriniň hünär derejesiniň hem-de ulgamyň kanunçylyk binýadynyň kämilleşdirilişine-de ýörite bölümler bagyşlanypdyr. «Saglygy goraýyşda sanly ulgam» atly bölümde bolsa sanly lukmançylygy ösdürmek boýunça ileri tutulýan wezipeler kesgitlenilýär. Täze eser «Saglygy goramak döwletiň baş wezipesidir» atly bölüm bilen jemlenýär. Gahryman Arkadagymyzyň eseri türkmen, iňlis we rus dillerinde giň okyjylar köpçüligine ýetirilýär.

Häzirki wagtda ýurdumyzda bu gymmatly eserleriň tanyşdyryluş dabaralary geçirilýär.



## Ozon gatlagy dikeldiler

Ýer togalagynyň ozon gatlagy dikeldilýär. Alymlar bu ýagdaýa adamzadyň planetamyzy goramak üçin çynlakaý ädim ädende nämeleriň bolup biljekdiginiň aýdyň mysaly hökmünde garaýarlar. ■ 4



## Hytaýyň iň dar şäheri

Hytaýyň Wumeng daglarynyň eteginde ýerleşýän Ýanszin şäheri ýurduň iň dar şäheri hasaplanýar. Şäheriň ininiň iň giň ýeri 300 metre, iň dar ýeri bolsa 30 metre ýetýär. ■ 5



## Türkmenistanyň milli ýygyndysy Şri Lankanyň ýygyndysyndan üstün çykdy

■ 7



## Afrikadan 9 topar Dünýä Kubogyna gatnaşýar

Dünýä Kubogy 2026-nyň saýlama tapgyrynyň Afrika zolagyndaky toparçadaky duşuşyklary tamamlandy. ■ 8



# TÜRKMEN HALKYNYŇ MILLI LIDERI, TÜRKMENISTANYŇ HALK MASLAHATYNYŇ BAŞLYGY GAHRYMAN ARKADAGYMYZ «DAEWOO» KOMPANIÝASYNYŇ ÝOLBAŞÇYSY BILEN DUŞUŞDY

*14-nji oktýabrda türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow ýurdumyza sapar bilen gelen «Daewoo Engineering & Construction Co., Ltd.» koreý kompaniýasynyň müdiriýetiniň başlygy Jong Won-ju bilen duşuşdy.*



Myhman duşuşmaga döredilen mümkinçilik üçin hoşallyk bildirip, Koreýa Respublikasy bilen Türkmenistanyň arasyndaky özara bähbitli hyzmatdaşlygyň yzygiderli ösdürilýändigini hem-de şunda Gahryman Arkadagymyzyň ägirt uly goşandyny belledi. Nygtalyşy ýaly, häzirki wagtda ähli ugurlar boýunça ösdürilýän koreý-türkmen gatnaşyklary hil taýdan täze derejä çykýar. Koreý kompaniýalary Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň ilkinji ýyllaryndan bäri iri türkmen bazarynda, hususan-da, nebitgaz toplumynda, himiýa senagatynda netijeli işleri alyp barýarlar. Işewür häzirki wagtda Türkmenistanyň himiýa senagatynyň innowasion ösüşiň aýdyň mysaly bolup durýandygyny aýdyp, ýolbaşçylyk edýän kompaniýasynyň bu işe goşant goşmaga taýýardygyny tassyklady.

Gahryman Arkadagymyz myhmany mähirli mübärekläp, Birleşen Milletler Guramasynyň ozalky Baş sekretary Pan Gi Muna, Koreýa Respublikasynyň Milli Assambleýasynyň ozalky Başlygy Kim Çžin Pýo, şeýle hem Koreý-türkmen parlamentara dostluk toparynyň ozalky ýolbaşçysy Li Dal Gona iki ýurduň arasyndaky gatnaşyklary pugtalandyrmaga goşan goşantlary üçin minnetdarlyk bildirdi hem-de olara mähirli salamyny, iň gowy arzuwlaryny ýetirmegi haýyş etdi.

Milli Liderimiziň belleýşi ýaly, Türkmenistan bilen Koreýa Respublikasynyň arasyndaky hyzmatdaşlyk uzak möhletleýin strategik häsiýete eýe bolup, özara hormat goýmaga we ynanyşmaga esaslanýar. Gahryman Arkadagymyz Türkmenistanda ykdysady ösüş maksatnamalarynyň, senagat özgertmeleriniň amala aşyrylýandygyna ünsi çekip, şunda ekologiýa ugurly «ýaşyl» taslamalara möhüm ähmiýet berilýändigini nygtady. Şunuň bilen baglylykda, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy häzirki wagtda gowaça çöpünden «ýaşyl» metanoly öndürmegiň mümkinçilikleriniň öwrenilýändigini aýtdy. Türkmenistanda ösdürilip ýetişdirilýän gowaça ekologik taýdan arassalygy we bu önümçilige ýaramlylygy bilen tapawutlanýar.

Hormatly Arkadagymyz Türkmenistanda işewürlik üçin amatly şertleriň döredilýändigini göz öňünde tutup, ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygy täze ugurlarda ösdürmek babatda mümkinçilikleriň bardygyny belledi. Şunda «Türkmenhimiýa» döwlet konserni bilen «Daewoo» kompaniýasynyň arasynda netijeli hyzmatdaşlyk ýola goýuldy. Türkmen halkynyň Milli Lideri ýurdumyzda täze gurulýan desgalaryň gurluşygynda ekologik kadalaryň berjaý edilmegine, ylmyň we tehnikanyň soňky gazananlarynyň ornaşdyrylmagyna, taslamalaryň ýokary hilli, öz wagtynda ýerine ýetirilmegine aýratyn ähmiýet berilýändigini belledi.

Işewür Türkmenistanda netijeli işlemäge döredilýän amatly şertler üçin Gahryman Arkadagymyza hem-de hormatly Prezidentimize tüýs ýürekden hoşallyk bildirip, ýolbaşçylyk edýän kompaniýasynyň öz üstüne alan şertnamalaýyn borçnamalaryny üstünlikli ýerine ýetirmäge mundan beýläk-de jogapkärçilikli çemeleşjekdigine ynandyrdy.

Duşuşygyň ahyrynda türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow «Daewoo Engineering & Construction Co., Ltd.» kompaniýasynyň müdiriýetiniň başlygy Jong Won-juwa alyp barýan işinde üstünlikleri arzuw etdi.

## Meşhur suratkeşiň kartinalary satylar

Meşhur amerikan suratkeşi Robert (Bob) Rossuň 30 kartinasynyň auksion arkaly satuwa çykaryljakdygy mälim edildi. Bu eserlerden 850 müňden 1,4 million amerikan dollary aralygynda girdeji alynmagyna garaşylýar. Ross 1980-1990-njy ýyllarda göni ýaýlymda 30 minutlyk gepleşigiň dowamynda çeken suratlary bilen köpleriň söýgüsini gazanypdy. Demirgazyk Amerika ýurtlaryndaky tomaşaçylara ýetirilen «The Joy of Painting» atly bu gepleşik soňky ýyllarda Ýewropa ýurtlarynyň köpüsinde, Türkiýe, Eýran, Ýaponiýa we Awstraliýa ýaly dünýäniň dürli döwletlerindäki tomaşaçylara hem öz dillerinde ýetirilipdi.



Bahar ANNAÖWEZOWA,
*Türkmen döwlet medeniýet we sungat mekdebiniň mugallymy.*

## Uçýan taksi hyzmaty ýola goýlar

«Archer» kompaniýasy dikligine uçup hem gonup bilýän «Midnight» atly ulagynyň geljek ýyldan başlap Birleşen Arap Emirliklerinde hyzmata hödürlenjekdigini mälim etdi. Bu barada Dubaý şäherinde geçirilýän «GITEX Global» atly tehnologiýa sergisinde habar berildi. 45-nji gezek geçirilýän sergä 180 ýurtdan 6 müň 800-den gowrak kompaniýa gatnaşýar. Şu gün tamamlanýan serginiň çäklerinde birnäçe kompaniýa emeli aň, kiberhowpsuzlyk we beýleki ugurlardaky harytlaryny hem-de hyzmatlaryny görkezýärler. Bu ýerde tanyşdyrylan «Midnight» ulagy dolulygyna elektrik energiýasy bilen işläp, bir gezekki zarýady bilen 160 kilometr ýol geçip bilýär.



Güljeren IŞANGULYÝEWA,
*Türkmenistanyň Telekommunikasiýalar we informatika institutynyň mugallymy.*

## Polatdan berk tagta ýasaldy

ABŞ-nyň «InventWood» kompaniýasy agajy gaýtadan işlemek arkaly polatdan hem berk material öndürip başlady. Bu material polatdan 10 esse berk, 6 esse ýeňil. Professor Lýanbin Hu mundan 10 ýyl ozal Merilend uniwersitetinde zähmet çekýän wagty tagtany gaýtadan dizaýn etmek barada pikiri orta atýar. Professor Hu agajyň düzüminden oňa reňk berýän maddany aýryp, ony dury ýagdaýa getiripdi. Soňra bolsa, himiki işleriň netijesinde sellýulozanyň has berk bolmagyny gazanypdy. Munuň üçin tagta himiki erginiň içinde gaýnadylýar, soňra bolsa ýokary basyş bilen gysylýar. Netijede, onuň dykyzlygy ep-esli artýar. Emele gelen material köp sanly metal materialdan has berk bolýar.



Yklym AMANBERDIÝEW,
*Türkmenistanyň Oguz han adyndaky Inžener-tehnologiýalar uniwersitetiniň mugallymy.*

# BERKARARLYK – ÖSÜŞLERIŇ BINÝADY

Berkararlyk durnukly ösüşiň, parahatlygyň we jemgyýetde agzybirligiň möhüm binýadydyr. Halkymyzyň taryhynda hem döwletimiziň berkararlygyny goramaga we pugtalandyrmaga iň ýokary gymmatlyk hökmünde garalyp gelinýär. Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan döwletimiziň ösüşiniň häzirki derejesi hem hut şol berkararlyk ýörelgesine esaslanýar.

Hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda ýurdumyzda alnyp barylýan giň gerimli özgertmeler, ykdysady we durmuş maksatly maksatnamalar halkymyzyň abadan durmuşyny üpjün etmäge gönükdirilendir. Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe her bir başlangyç, her bir ädim döwletimiziň mizemez durnuklylygyny berkitmäge hyzmat edýär.



Berkararlyk diňe bir döwlet gurluşyny ýa-da ykdysadyýetiniň durnuklylygyny aňlatmaýar. Ol jemgyýetiň ruhy, medeni we ahlak binýadynyň hem pugtalanmagydyr. Halkymyzyň milli gymmatlyklaryna, däp-dessurlaryna we agzybirligine esaslanýan bu berkararlyk ýurdumyzyň ähli ugurlarda ösüşiniň kepilidir.

Ýurdumyzda giň gerimli taslamalar üstünlikli amala aşyrylýar, häzirki zaman infrastrukturalary döredilýär, bilim, saglygy goraýyş we durmuş üpjünçiligi ulgamlary kämilleşdirilýär. Bularyň bary halkymyzyň döredijilik güýjüni artdyrýar, ýurdumyzyň dünýä derejesindäki abraýyny has-da belende galdyrýar.

Netijede, berkararlyk – ösüşleriň binýady, ösüş bolsa berkararlygyň kepili hökmünde Türkmenistanyň häzirki zaman taryhynda ornuny tapýar.

**Döwlet ALIŞEROW,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň talyby.*

# SIRKULÝAR YKDYSADYÝET – TÄZE UGUR

Sirkulýar ykdysadyýet häzirki wagtda dünýäniň ykdysady ösüşinde möhüm orun eýeleýän täzeçe düşünjedir. Bu ykdysady modeliň esasy maksady serişdelere we önümlere «gaýtadan ulanyş» ýoluny açmakdyr. Adaty ykdysadyýet «al – öndür – ulan» ýörelgesine esaslansa, sirkulýar ykdysadyýet «al – peýdalan – gaýtadan işläp ulan» diýen ýörelgede işleýär. Şeýlelikde, tebigata goýberilýän zyňyndylary azaltmak, tygşytly önümçilik gurmak we ekologiýa durnuklylygyny üpjün etmek mümkin bolýar.

Sirkulýar ykdysadyýetde önümiň ömri diňe satuw bilen tamamlanmaýar. Önüm ulanylandan soň onuň gaýtadan ulanylmagy, bölekleriniň täzeden işlenmegi ýa-da täze harytlaryň düzüminde peýdalanylmagy maksat edinilýär. Mysal üçin, plastik gaplary gaýtadan işläp täze önüm öndürmek ýa-da ulanylan elektron enjamlarynyň gymmatly metal böleklerini çykaryp ulanmak sirkulýar ykdysadyýetiň üstünlikli mysallarydyr.



Bu ulgam diňe ekologiýa taýdan peýdaly bolman, ykdysady taýdan hem bähbitlidir. Sebäbi çig mal tygşytlanylýar, täze iş mümkinçilikleri döredilýär we innowasiýa esasly kärhanalaryň sany artýar. Şeýlelikde, sirkulýar ykdysadyýete durnukly ösüş maksatlaryna ýetmegiň esasy gurallarynyň biri hökmünde garalýar.

Netijede, sirkulýar ykdysadyýet diňe bir ykdysady ösüşi däl, eýsem, jemgyýetiň we tebigatyň arasynda sazlaşygy üpjün edýän täze ugurdyr. Bu modeliň giňden ornaşdyrylmagy geljek nesiller üçin arassa gurşawy we ykdysady durnuklylygy üpjün etmäge mümkinçilik berer.

**Baýdurdy GELDIÝEW,**
*Halkara senagatçylar we telekeçiler uniwersitetiniň talyby.*



## Güýz paslynda möwsümleýin keselleriň öňüni almak üçin maslahatlar

**1.** Güýz paslynda şemally, ýagmyrly günleriň bolýandygyny we howanyň derejesiniň üýtgäp durýandygyny nazara alyp, paslyň aýratynlygyna laýyklykda geýinmeli.

**2.** Sagdyn durmuş ýörelgesine eýermeli.

**3.** Bedenterbiýe we sport bilen meşgullanmaly.

**4.** Sagdyn we kadaly iýmitlenmeli. Witaminlere baý bolan önümler bilen iýmitlenmeli.

**5.** Arassa agyz suwuny ýeterlik mukdarda içmeli.

**6.** Şahsy we jemgyýetçilik arassaçylyk tertip-düzgünlerini berk berjaý etmeli.

**7.** Iş ýeriňizde we öýüňizde otaglaryň howasynyň arassa bolmagyny gazanmaly.

**8.** Daşaryk çykmazdan, jemgyýetçilik ýerlerine barmazdan öň, burnuň nemli bardasyna hökman «Oksolin» melhemini çalmaly.

**9.** Ýiti respirator ýokanç keseliniň ilkinji alamatlary ýüze çykan ýagdaýynda hökman maşgala lukmanyna ýüz tutmaly.

**10.** Özbaşdak derman serişdelerini, şol sanda antibakterial derman serişdelerini ulanmakdan saklanmaly. Diňe lukmanyň görkezmesi bilen derman serişdelerini ulanmaly.

**11.** Maşgala lukmanyňyz bilen maslahatlaşyp, keselleriň öňüni alyş sanjymyny öz wagtynda almaly.

*Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrliginiň Saglygy goraýşyň habarlar merkezi.*

## Piramidalarda täze açyş

Müsüriň simwoly hasaplanýan piramidalar birnäçe ýyldan bäri öwrenilýändigine garamazdan özünde entek üsti açylmadyk syrlary saklaýar. Golaýda Giza platosynyň demirgazyk-gündogarynda gumuň astynda üç sany guýy tapyldy. Bu guýular Uly Sfinks, Heops we Hefren piramidalarynyň arasynda kemsiz üçburçlugy emele getirýär.

Alymlar bu guýynyň müňlerçe ýyllyk inženerçilik desgasynyň bir bölegi bolup biljekdigini belleýärler. Guýularda hiç hili ýazgy ýok, diwarlary bolsa, örän tekiz. Arheologlar bu guýynyň suw çykarmak üçin ýa-da şeýle gazylan guýy däldigine ünsi çekýärler.

Radar tehnologiýasy arkaly guýynyň ýeriň 40 metr astyndaky böleginiň hem kartasy çykaryldy. Üçüsi hem meňzeş ululykda bolan guýularyň ýerleşişiniň Orion ýyldyzlar toplumyna meňzeýändigi bellenilýär.

Annamyrat AKYÝEW,
*Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň mugallymy.*

## Elektroulag satuwynda täze sepgide ýetildi

Geçen aý dünýäde elektroulag satuwy 2 milliondan geçip, täze sepgide ýetilipdir. Angliýanyň «Rho Motion» maglumat kompaniýasy sentýabr aýynda jemi 2,1 million elektroulagyň satylandygyny habar berdi. Ýylyň başyndan bäri bolsa, dünýäde 14,7 million elektroulag satylypdyr. Bu döwürdäki satyş geçen ýylyň degişli döwründäkiden 26% ýokary bolupdyr.

Geçen aý satylan ulaglaryň 1,3 milliony hytaýly müşderilere ýetirilipdir. Ýurtda ýylyň başyndan bäri 9 milliondan gowrak ulag satylypdyr. Netijede, umumy satuwyň 61 göterimi Hytaýa degişli bolupdyr.

Gülşat DÖWLETOWA,
*Ýagşygeldi Kakaýew adyndaky Halkara nebit we gaz uniwersitetiniň talyby.*

## 60 ýyllyk adada tebigat gülläp ösdi

Seýrek ýagdaýda hem bolsa, kähalatlarda deňizlerde wulkanyň atylmagy netijesinde ada emele gelýär. Şeýle adalaryň käbiri wagtyň geçmegi bilen ýitýän hem bolsa, käbirinde tebigat janlanyp, ýaşaýyş başlaýar. 1963-nji ýylda Islandiýada emele gelen Sýurtseý adasy hem adamyň goşandy bolmazdan tebigatyň nähili janlanýandygynyň iň gowy mysaly hasaplanýar. Alymlar bu ýerdäki ösümlik dünýäsiniň deňiz pişikleriniň we çarlaklaryň kömegi bilen emele gelendigini belleýärler. Bu ýerde birnäçe ýylyň dowamynda giden bir ekoulgam döräpdir.



1963-nji ýylyň noýabrynda Islandiýanyň günortasynda atylan wulkany ilki gämili aýlanyp ýören balykçylar görüpdir. Wulkan atylyp başlandan birnäçe gün soňra suwuň ýüzünde depe emele gelipdir. Depäniň beýikligi ertesi 10 metre, iki günden soň 40 metre ýetipdir. Iki aýyň dowamynda iň beýik nokady 174 metre, adanyň uzynlygy 1 kilometre ýetipdir. Bu ýerdäki wulkan iki ýyllap läbik pürküpdir. Ýyrtyjy jandarlaryň bolmazlygy adada çarlaklaryň höwürtge ýasamagy üçin amatly şert döredýär.

Ogulsapar BABYLOWA,
*Türkmenistanyň Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasynyň Aşgabat şäheriniň Bagtyýarlyk etrap Geňeşiniň guramaçylyk bölüminiň esasy hünärmeni.*

## Iýmit önümleri dronly paýlanyp başlandy

Irlandiýanyň «Manna Aero» kompaniýasy geljek ýyldan başlap, Angliýada azyk önümlerini dron bilen paýlamak hyzmatyny ýola goýar. Bu maksat bilen ýörite taýýarlanan agramy 23 kilogram bolan dronlar bilen häzire çenli Günbatar Dublinde, Finlýandiýanyň Espoo şäherinde we Tehasda jemi 200 müňden gowrak uçuş amala aşyrylypdyr. Bu dronlar 80 metre çenli belentlikden uçup, taýýar naharlar bilen bir hatarda azyk önümlerini hem bellenen salga äkidýär. Iýmit önümi salga eltilende ony uzakdan dolandyrýan işgär ýüp bilen aşakda duran müşderä sallaýar. Müşderi sargyt eden iýmitini ýüpüň ujundan alýar. Bu dron arkaly diňe gysga aralyga iýmit ugradylýar. Kompaniýanyň ýolbaşçysy Bobbi Holi kofeniň meşhurdygyny, emma has köp ýumurtga sargyt edilýändigini belledi.



Erkin ALLABERDIÝEW,
*Türkmenistanyň Telekommunikasiýalar we informatika institutynyň talyby.*

ZAMAN TÜRKMENISTAN

**ESASLANDYRYJYSY –**
«ZAMAN–TÜRKMENISTAN» HOJALYK JEMGYÝETI

Oktýabr aýynyň 17-si, 2025
Gazetiň möçberi 8 sahypa. A-117327

Belgisi: 42/1660
Tiražy: 8105
Bahasy: 4,50 manat

BAŞ REDAKTOR **MYRATDURDY GARJANOW**
JOGAPKÄR KÄTIP **AMANMYRAT BAÝMYRADOW**

BIZIŇ SALGYMYZ: Aşgabat şäheri, 1908 (Gündogar) köçesi, 10-A jaýy.
Tel/Faks: 28-14-05, 28-14-36
web sahypa: www.zamanturkmenistan.com.tm
e-poçta: info.zamanturkmenistan@gmail.com, zamanturkmenistan@sanly.tm

**BELLIK:** Redaksiýamyza gelen hatlar yzyna gaýtarylmaýar. Gazetimizde ýerleşdirilen mahabatlardaky ýazgylaryň mazmunyna mahabat beriji jogapkärdir. Gazet Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezinde ofset usulynda çap edildi. Çap edilişiniň hiline Metbugat merkezi jogap berýär. Telefony: 399536.

Abuna ýazylmak isleýänler üçin gazetiň indeksi: 69477

Gazetiň PDF nusgasyny QR kod arkaly elektron görnüşde okap bilersiňiz!

## DÜNÝÄ TÄZELIKLERI
### gysga setirlerde

**Kasam kabul etdi.** Peru Kongresiniň (parlament) başlygy Hose Heri döwlet Baştutany



Dina Boluarte wezipesinden çekilenden soň, 10-njy oktýabrda Respublikanyň Prezidenti hökmünde kasam kabul etdi. Hose Heri 2026-njy ýylyň 26-njy iýulyna çenli Perunyň Prezidenti wezipesini wagtlaýyn ýerine ýetirer. Dina Boluarte soňky bäş ýylda Perunyň üçünji Prezidenti bolup, 2022-nji ýylyň dekabrynda ýurduň iň ýokary wezipesini eýeläpdi.

**Lekornýu täzeden bellendi.** Fransiýanyň Prezidenti Emmanuel Makron Sebastýen



Lekornýuny işinden çekilenden birnäçe gün soň ýene-de Premýer-ministr wezipesine belledi. Lekornýuny wezipä täzeden bellenenden soň 12-nji oktýabrda täze hökümet gurdy. Ozal habar berlişi ýaly, Fransua Baýrunyň Kabineti 8-nji sentýabrda ynam sesini alyp bilmedi, şondan soň Makron Goranmak ministri Sebastýen Lekornýuny Premýer-ministr edip belläpdi.

**Ýylyň iň gowy gökdirän binasy.** Dikleýin şäherleşme geňeşi (Council on Vertical Urbanism)



Brýusseldäki «ZIN in No(o)rd» taslamasyna «2025-nji ýylyň iň gowy gökdirän binasy» derejesini berdi. Geňeş bu barada Kanadanyň Toronto şäherinde her ýyl geçirilýän halkara konferensiýada mälim etdi. Dünýäniň belli arhitektorlary, inženerleri we binagärleri 111 metr beýiklikdäki «ZIN in No(o)rd» ymaratyny ýylyň iň gowy gökdirän binasy hökmünde saýladylar.

**Kruassan ysly marka.** Fransiýanyň Poçta gullugy mesge goşulan kruassan ysly markany ulanyşa goýberdi. Bu barada




edaranyň resmi saýty habar berdi. Marka 2019-njy ýyldan bäri Fransiýanyň Çörek we konditer önümleri konfederasiýasy tarapyndan geçirilýän iň oňat kruassan bäsleşiginiň çäklerinde döredildi. Ysly poçta markasy halkara ýollamalar üçin 2,10 ýewro nyrh möçberde elýeterlidir.

**Eýnşteýniň skripkasy satyldy.** Britan auksion öýi «Dominic Winter» fizik Albert



Eýnşteýniň ilkinji skripkasyny 1 million ýewro (1 million 474 müň amerikan dollary) satdy. Guralyň ahyrky bahasy çaklamadan birnäçe esse ýokary boldy. Skripkanyň başda 268-302 müň amerikan dollary aralygynda bahasy bardy. Alym bu skripkany 1890-njy ýyllarda Germaniýada satyn alypdyr. Ol ejesiniň arzuwy boýunça çagalygyndan saz çalmagy öwrenipdir. Skripka «Lina» diýlip oýulyp ýazylypdyr.

**5 müň ýyllyk toýun gabyň bölegi.** Türk arheologlary ýaşy 5 müň ýyl töweregi bolan



adamyň ýüzi şekillendirilen keramik bölegi tapdylar. Konýa welaýatynyň Seýdişehir etrabyndaky Gökhöýükde geçirilen gazuw-agtaryş işlerinde tapylan keramiki bölek irki Anadoly siwilizasiýalarynyň däp-dessurlary we simwolik sungaty barada täze maglumatlary berýär. Gökhöýük Anadolynyň merkezindäki iň möhüm arheologik ýerleriň biridir.

**Ýitip gitmek howpy abanýan jandarlar.** Deňiz pişikleriniň üç görnüşi ýitip gitmek howpy



abanýan jandarlaryň sanawyna girizildi. Olaryň ýaşaýyş gurşawyna howp abanýandygy habar berilýär. Munuň sebäbi howanyň global derejede üýtgemegi hem-de deňiz buzluklarynyň eremegi diýlip, Tebigaty we janly-jandarlary goramagyň bütindünýä bileleşiginiň (IUCN) beýanatynda bellenilýär. Sanawda Arktikada ýaşaýan düwlenleriň alty görnüşi bar.

**Iň meşhur uçar diýlip ykrar edildi.** Fransiýanyň awiakompaniýasy «Airbus»-yň A320



kysymly uçary «Boeing»-den öňe geçip, taryhda iň meşhur uçara öwrüldi. Ýewropanyň «Airbus» kompaniýasy möhüm täjirçilik tapgyryny geçdi. 1988-nji ýyldan bäri hyzmat edip gelýän «Airbus A320»-niň satylan umumy sany 12 müň 260-a ýetdi. Netijede, «Boeing» birnäçe onýyllygyň dowamynda gazanan liderligini ýitirdi diýlip, hasabatda aýdylýar.

## TARYHDA ŞU GÜN

**1902-nji ýylyň 17-nji oktýabrynda ABŞ-nyň Detroýt şäherinde ilkinji «Cadillac» kysymly awtoulag – «Cadillac Model A» öndürilýär. Bir silindrli, motory 10 at güýjüne barabar bolan bu awtoulag 1903-nji ýylyň ýanwar aýynda Nýu-Ýork awtoulag sergisinde görkezilip, 2 müňden gowrak sargyt alýar. Detroýtyň düýbüni tutujy Antuan Lome de Lamot Kadilýakyň ady dakylan bu kompaniýa inžener Genri Liland tarapyndan esaslandyrylýar.**




# NOBEL BAÝRAKLARY BERILDI

13-nji oktýabrda Şwesiýanyň Korollyk ylymlar akademiýasy 2025-nji ýylyň Ykdysadyýet boýunça Nobel baýragyny innowasiýa we tehnologik ösüşiň jemgyýetleriň baýlaşmagyna nähili kömek edýändigini düşündiren alymlar Joel Mokira, Filipp Agona we Piter Howitte berdi.

Amerikan alymy Joel Mokir tehnologik ösüş arkaly durnukly ösüşe zerur şertleri kesgitländigi üçin baýraga eýe boldy, fransuz ykdysatçysy Filipp Agon we kanadaly alym Piter Howitt bolsa «döredijilikli böwsüş» arkaly durnukly ösüş nazaryýeti üçin sylaglandy. Baýrak eýeleri innowasiýalaryň mundan beýläk-de ösüşe itergi berýändigini tassykladylar.

«Soňky iki ýüz ýylda dünýä ilkinji gezek yzygiderli durnukly ösüşe şaýat boldy. Bu köp sanly adamy garyplykdan çykardy we gülläp ösmegimiziň düýbüni tutdy» diýip, Şwesiýanyň Ylymlar akademiýasy bu ýylky baýraga baha berdi.




Baýrak eýeleriniň barlaglary täze tehnologiýalaryň uzak möhletleýin ykdysady ösüşe nähili goşant goşýandygyny görkezýär. Mokir durgunlykdan durnukly ösüşe geçmegiň sebäplerini açmak üçin taryhy çeşmelerden peýdalanypdyr. Ol üznüksiz innowasiýa prosesine diňe bir amaly bilimler däl, eýsem, tehnologiýanyň işleýşine ylmy taýdan düşünmegiň hem zerurdygyny subut etdi. Agon bilen Howitt «döredijilikli böwsüşiň» matematik modelini işläp düzdüler. Bu nazaryýete görä, täze we has kämil tehnologiýalar köneleri gysyp çykarýar, bu hem ösüşe sebäp bolup, köne gurluşlary ýok edýär. Baýrak 11 million şwed kronyna (takmynan, 1,2 million amerikan dollary) deň bolup, onuň ýarysyny Mokir alar, galan ýarysyny bolsa, Agon we Howitt deň paýlaşar.

Wenesuelaly syýasatçy Parahatçylyk boýunça Nobel baýragyna eýe boldy.

Şeýle-de 10-njy oktýabrda Parahatçylyk boýunça Nobel baýragy Wenesuelanyň Mejlisiniň öňki agzasy Mariýa Korina Maçado berildi. Nobel komiteti Mariýa Korina Maçadonyň bu baýraga mynasyp bolandygyny mälim etdi. Ol 11 million şwed kronyny alar.

Geçen ýyl Parahatçylyk boýunça Nobel baýragy, «ýadro ýaraglaryndan azat dünýäni gazanmak we ýadro ýaraglarynyň mundan beýläk ulanylmaly däldigini görkezmek üçin edýän tagallalary» üçin Hirosimada we Nagasakide bolan partlamalardan aman galanlary birleşdirýän ýapon guramasy «Nihon Hidanke» gowşuryldy.

Şeýlelikde, 6-njy oktýabrda başlan Nobel hepdeligi 13-nji oktýabrda Ykdysadyýet baýragynyň mälim edilmegi bilen tamamlandy. Baýrak gowşuryluş dabaralary 10-njy dekabrda şwesiýaly alym we oýlap tapyjy Alfred Nobeliň aradan çykan güni Şwesiýanyň paýtagty Stokgolmda we Norwegiýanyň paýtagty Osloda geçiriler.

# Parlamentiň öňki başlygy ýeňiş gazandy

Seýşel adalarynda geçirilen Prezident saýlawlarynyň ikinji tapgyrynda parlamentiň öňki başlygy Patrik Ermini häzirki Prezident Wawel Ramkalawandan öňe saýlandy. Bu barada ýurduň saýlaw komissiýasy habar berdi. Prezident saýlawlary iki tapgyrda geçirildi, sebäbi birinji tapgyrda hiç bir dalaşgär sesleriň ýarysyndan gowragyny alyp bilmedi. Sentýabr aýynyň ahyrynda geçirilen birinji tapgyryň netijelerine görä, Ermini 48,8% sese, Ramkalawan bolsa, 46,4% sese eýe boldy.



Saýlawlaryň ikinji tapgyry 9-11-nji oktýabr aralygynda geçirildi. Jemi 8 partiýa we 26 saýlaw okrugynda 77 müňden gowrak saýlawçy hasaba alyndy. Ermini «Birleşen Seýşeller», Ramkalawan bolsa «Seýşel demokratik bileleşiginiň» dalaşgäridir.

Ermini 2020-nji ýylda häkimiýetden gitmezden ozal, dört onýyllygyň dowamynda ýurdy dolandyran «Birleşen Seýşeller» partiýasyna wekilçilik edýär. Partiýa 1977-nji ýyldan 2020-nji ýyla çenli häkimiýetiň başynda boldy. Ermini 2007-nji ýyldan 2016-njy ýyla çenli Milli ýygnagyň (parlament) başlygy bolup işledi.

Prezident saýlawlary iki tapgyrda geçirildi, çünki birinji tapgyrda hiç bir dalaşgär sesleriň ýarysyndan gowragyny alyp bilmedi.

Öňki ruhany Ramkalawan 2020-nji ýylda geçirilen Prezident saýlawlarynyň birinji tapgyrynda 54,9% ses alyp, ýeňiş gazandy. Ada Respublikasynyň jemi 35 müň 562 raýaty oňa ses berdi. Ol şol ýylyň oktýabr aýynda işe başlapdy.

Seýşel adalary Afrikanyň iň baý ýurdy bolup, Günbatar Hindi ummanynda 1,2 million inedördül metr meýdany eýeleýär we meşhur syýahatçylyk merkezidir. Hytaý, Pars aýlagy ýurtlary we Hindistan Seýşel adalary bilen maýa goýum we howpsuzlyk boýunça hyzmatdaşlyk saklaýarlar.

# Dünýäniň iň owadan paýtagty

Walletta «Condé Nast Traveller» žurnaly tarapyndan dünýäniň iň owadan paýtagty diýlip yglan edildi. Maltanyň paýtagty Pariž, Afiny we Lissabon ýaly syýahatçylyk ägirtlerinden öňe saýlanyp, «Readers' Choice Awards 2025» sanawynda birinji orny eýeledi. Ses berişlige 182 müňden gowrak okyjy we syýahatçy gatnaşyp, olar şäherleriň medeniýetine, aşhanasyna we myhmansöýerligine baha berdiler.



Walletta 97,33 bal toplap, diňe bir Ýewropanyň iň esasy medeni merkezi däl, eýsem, syýahatçylar üçin dünýäniň iň gowy şäheri boldy. Maltanyň syýahatçylyk ministri Ýan Borg «Bu baýrak syýahatçylaryň medeni mirasymyza hormatyny hem-de Maltanyň halkynyň myhmansöýerligine çuňňur minnetdarlygyny görkezýär» diýip belledi.

Ululygy 1 inedördül kilometre ýetmeýän şäher, Barokko döwrüne degişli köşkleri, gadymy galalary, ybadathanalary we dar köçeleri bilen açyk asmanyň astyndaky muzeýi ýadyňa salýar. Walletta XVI asyrda Maltanyň rysarlary tarapyndan esaslandyryldy we 1980-nji ýyldan bäri ÝUNESKO-nyň Bütindünýä mirasynyň sanawyna girýär.

Maltanyň paýtagty «Gladiator», «Troýa» we «Tagt oýunlary» ýaly bu ýerde düşürilen birnäçe filmler bilen hem meşhurdyr.

# Amenhotep III aramgähi açyldy

Faraon Amenhotep III aramgähi 20 ýyla çeken abatlaýyş işlerinden soň açyldy. Ýurduň köpçülikleýin habar beriş serişdeleri aramgähiň açylmagynyň Kairde Beýik Müsür muzeýiniň resmi açylyşyna taýýarlygyň bir bölegidigini habar berdi.



Müsüriň gadymyýet boýunça ýokary geňeşiniň baş sekretary Muhammet Ysmaýylyň pikiriçe, aramgäh uly gyzyklanma döredýär. Meşhur Patyşalar jülgesiniň günbatar tarapynda ýerleşýän ýerde faraonyň jaýlanan otagy we onuň aýaly üçin başga iki otag bar.

Muhammet Ysmaýyl agentlige beren interwýusynda jülgedäki beýleki gadymy mazarlardan tapawutlylykda, Amenhotepiň aramgähiniň doly bezelmändigini aýtdy. Fresklerde faraonyň özi gadymy Müsür taňrylarynyň bir topary bilen şekillendirilipdir.

Beýik Amenhotep ady bilen hem tanalýan Amenhotep III miladydan öňki 1550-nji ýyldan 1292-nji ýyla çenli höküm süren Gadymy Müsüriň 18-nji neberesiniň iň meşhur faraonlaryndan biridir. Soňky 20 ýylyň dowamynda Amenhotepiň aramgähinde ýapon hünärmenleriniň gözegçiligi astynda dikeldiş işleri, şol sanda faraonyň we onuň aýallarynyň diwara çekilen suratlaryny abatlamak işleri geçirildi.

# 300 ýyl ozalky hazynalar tapyldy

Hazyna gözleýjiler Floridanyň (ABŞ) kenarlaryndan altyn we kümüş şaýylyklary ýüze çykardylar. Altyn ýükli ispan gämileri 1715-nji ýylda gark bolýar. Gark bolan gämileri çykarmak boýunça kompaniýanyň guwwaslar topary Floridadaky Atlantik kenarlaryndan 1 million dollarlyk hazynany tapdylar.



Altyn-kümüş şaýylyklar we beýleki seýrek duş gelýän artefaktlar 1715-nji ýylyň 31-nji iýulynda beýleki gämiler bilen birlikde gark bolan ispan galleonynyň bortunda ýerleşýärdi.

Flotiliýa Täze Dünýäden Ispaniýa altyn, kümüş we gymmat bahaly daşlary alyp barýardy. Emma güýçli tupanyň turmagy netijesinde gämiler gark bolýar. Betbagtçylyk ýüzlerçe deňizçiniň heläk bolmagyna sebäp bolýar we ispan Patyşasynyň baýlygyny ummanyň düýbüne alyp gidýär.

Şaýy pullaryň gowy saklanandygy bellärliklidir: olaryň köpüsinde zikgelenen senesi we beýleki bellikleri aýdyň görmek bolýar. Bu açyş geçen tomusda boldy, ýöne bu barada «1715 Fleet – Queens Jewels LLC» kompaniýasy golaýda mälim etdi.



# Ýylylyk elektrik bekedi işe girizildi

Hytaý Gobi çölünde ilkinji Gün ýylylyk elektrik stansiýasyny işe girizdi. Bu barada «South China Morning Post» gazeti habar berýär. Elektrik stansiýasy döwlet eýeçiligindäki «China Three Gorges Corporation» döwlet korporasiýasy tarapyndan guruldy. Toplum Gün şöhlesini iki diňde jemleýän 27 müň aýnadan ybarat. Olar biri-birinden, takmynan, 1000 metr uzaklykda ýerleşip, beýikligi 200 metrdir. Şeýle çözgüt ilkinji gezek ulanylýar.

Ulgam, takmynan, 570 gradus temperaturada energiýa öndürýär. Şeýle-de ýylylyk, turbinalary herekete getirýän bug öndürmek üçin ulanylyp, öz gezeginde, energiýa işläp çykarýar. Inženerleriň pikiriçe, elektrik stansiýasy Gün ýaşandan soň ýa-da bulutly howada hem elektrik toguny öndürmäge niýetlenendir.

Korporasiýada ulgamyň has netijeli işlemegi üçin iki diňiň zerurdygy bellenildi. Birinjisi irden, ikinjisi günüň ikinji ýarymynda işleýär. Bu ýeke diň bilen deňeşdirilende, netijeliligi 25% ýokarlandyrýar. Mundan başga-da, taslamanyň çykdajylaryny azaldýar.

Hünärmenler şeýle tehnologiýalary ulanmak arkaly çözgüt tapmaga mümkinçilikleriň bardygyny nygtaýarlar. Olar Hytaýda «ýaşyl» energiýany ösdürmäge mümkinçilik berýär. Hususan-da, häzirki wagtda ýurtda umumy kuwwaty 1,5 million kilowatdan gowrak bolan 21 sany täjirçilik maksatly Gün ýylylyk elektrik stansiýasy işleýär.

# Ozon gatlagy dikeldiler

Ýer togalagynyň ozon gatlagy dikeldilýär we alymlar bu ýagdaýy adamzadyň planetamyzy goramak üçin çynlakaý ädim ädende nämeleriň bolup biljekdiginiň aýdyň mysaly hökmünde garaýar. Bu barada Wena konwensiýasynyň 40 ýyllygy mynasybetli Bütindünýä meteorologiýa guramasynyň (WMO) Ozon boýunça beýanaty çap edilenden soň mälim edildi. Bu şertnama ozon gatlagynyň ýukalmagyny global howp hökmünde ilkinji bolup ykrar etdi.

Soňky barlaglar Antarktidadaky ozon gatlagynyň soňky ýyllarda ep-esli gowulaşandygyny görkezýär. Bu bolsa, uzak möhletli dikeldiş tendensiýasyna laýyk gelýär. Bu gowulaşmagyň käbiri tebigy atmosferanyň üýtgemeleri bilen baglanyşykly bolsa-da, alymlar has möhüm ugra ünsüni gönükdirýärler. Dünýä jemgyýetçiligi hloroftoruglerodlar diýlip atlandyrylýan weýran ediji himiki maddalary ýok etmek üçin çäreleri görenden soň, durnukly dikeliş başlandy.

Ýeriň ýüzünden birnäçe kilometr ýokarda ýerleşýän ozon gatlagy, adamy we tebigaty zyýanly ultramelewşe şöhlelerden goraýar. Bu bolmasa deriniň düwnük keseli, katarakt, immun ulgamynyň zaýalanmagy we ekoulgamyň bozulmagy ýaly töwekgelçilikler birden ýokarlanar.

1987-nji ýylda gol çekilen Monreal teswirnamasynyň netijesinde, 200-e golaý ýurt tagallasyny birleşdirip, saç döküji laklarda, sowadyjylarda we ýangyn söndüriji köpük ýaly önümlerde zyýanly maddalaryň ulanylmagyny bes etdi. Ozon gatlagynyň 2040-njy ýyla çenli sebitleriň köpüsinde dikelmegine garaşylýar. Eger-de tendensiýalar dowam etse, Antarktidanyň üstündäki belli ozon deşiginiň 2066-njy ýyla çenli ýapylmagyna garaşylýar.

Ozon gatlagynyň soňky döwürde dikeldilmegi saglygy goraýyş, howanyň üýtgemegine garşy göreş, azyk howpsuzlygy we biodürlülik ýaly birnäçe Durnukly ösüş maksatlarynda öňe gitmäge goşant goşdy. Adamlaryň indiki ätjek ädimleri aýratyn ähmiýete eýedir. Şeýle-de bolsa, alymlar bu habary daşky gurşawy goramak boýunça global derejedäki çynlakaý ýeňiş hasaplaýarlar. Bu ylmyň we halkara hyzmatdaşlygyň planetanyň öňünde durýan iň uly kynçylyklary nädip ýeňip geçip boljakdygynyň mysalydyr.



# DUBAÝYŇ HOWA MENZILLERI ÖSÜŞ ÝOLUNDA

**«Dubai Airports» kompaniýasy howa menzillerini ýakyn 10 ýylda dünýäniň iň elýeterli we inklýuziw howa menzillerine öwürmek boýunça täze meýilnamalaryny mälim etdi.**

**Şäheriň iki Halkara howa menzilini dolandyrýan «Dubai Airports» kompaniýasy ähli ugurlar boýunça şähere gelýänler üçin syýahaty ýönekeýleşdirmek üçin ähli zerur tagallalary edýär. Meýilnamalar Dubaýyň Halkara howa menzilini we Al-Maktum adyndaky halkara howa menzilini 2035-nji ýyla çenli dünýäde iň elýeterli we inklýuziw howa menziline öwürmäge gönükdirilendir.**

**Eşidiş ukyby pes bolan syýahatçylara täze eşidiş enjamlary hödürlemek we Dubaýyň Halkara howa menziliniň şahadatnamasy ýaly soňky başlangyçlar, Dubaýyň maýyplar üçin syýahaty has amatlylaşdyrandygynyň diňe käbir mysallarydyr.**

**10 ýyl üçin işlenip düzülen bu strategiýa syýahatyň hilini ýokarlandyrmaga gönükdirilip, iň oňat halkara tejribesine laýyk gelýär. Kompaniýa 2022-nji ýylda hödürlenen «Biziň hemmämiz dünýäni başgaça görýäris» başlangyjyny ösdürýär. Kompaniýanyň wekilleri elýeterliligiň diňe bir infrastruktura bagly däl-de, eýsem, pikirleri, medeniýeti üýtgetmek we duýgudaşlyga çagyrmak bilen baglanyşyklydygyny öňe sürýär.**



# HYTAÝYŇ IŇ DAR ŞÄHERI

**Dünýäde ilat sanyna we tutýan meýdanyna görä dürli-dürli bolan 100 müňden gowrak şäher bar. Söwda we senagat taýdan ösen bu medeni merkezleriň her haýsy özüne mahsus tebigaty, taryhy ýadygärlikleri we gastronomiýasy bilen syýahatçylarda uly gyzyklanma döredýär. London, Pariž, Walletta ýaly şäherleri bir günde aýlanyp bolýan bolsa, Barselona, Stambul, Praga, Tokio, Bangkok ýaly şäherleri dolulygyna gezelenç etmek üçin azyndan 3-4 aý gerek. Megapolisleriň käbiri ululygy taýdan tapawutlansa, käbiri kiçijik meýdany bilen ünsi özüne çekýär. Şeýle şäherleriň biri hem Ýanszin hasaplanýar.**





Ýunnan welaýatynyň günorta-günbataryndaky Wumeng daglarynyň kert eteginde ýerleşýän Ýanszin şäheri Hytaýyň iň dar şäheri diýlip atlandyrylýar. Şäheriň ininiň iň giň ýeri 300 metre, iň dar ýeri bolsa bary-ýogy 30 metre ýetýär. Iki tarapy dik gaýalar bilen gurşalan dar şäher Guan derýasynyň iki tarapyndan uzalyp gidýär. Çžaotun şäheriniň bir bölegi bolan Ýanszinde ulag serişdeleri çäkli ýagdaýda hereket edýär. Bu ýerde ýekeje awtoulag ýoly bolup, Neýkun demir ýolunyň bir şahasy Ýanszin şäheriniň üstünden geçýär. Haýaljak hereket edýän ýaşyl otly tunneliň içinden geçip, gaýalaryň etegindäki gysylan şähere barýar. Şäherde gatnaw serişdesi hökmünde, esasan, gämi ýa-da gaýyk peýdalanylýar. Ilat üçin zerur bolan duz, mis, çaý ýaly harytlardyr ýük serişdeleri Guan derýasy arkaly getirilýär.

Taryhy ähmiýete eýe bolan Ýanszin şäheri irki döwürler Beýik Ýüpek ýolunyň günortasyndaky esasy berkitmeleriň biri bolup hyzmat edipdir. Bu şähere başgaça «Siçuan we Ýunnanyň derwezesi» hem diýlipdir. Şäherde başu medeniýeti bilen gadymy dian medeniýeti birleşip, özboluşly ýerli halk döredijiligi emele gelipdir. Ýanszinde köp sanly taryhy ýadygärlikler, Çin neberesine, Günbatar Han neberesine we Ming dinastiýasyna degişli ybadathanalar we heýkeller bar. Soňky ýyllarda şäherde ýerli hökümet tarapyndan abadanlaşdyryş işleri geçirilýär, şeýle hem demirgazyk-günbatar tarapa uzalyp barýan täze şäher gurulýar. Halk arasynda köne şäher Douşa diýlip atlandyrylýar. 2022-nji ýylda şäherdäki ýaşaýyş üçin ýaramsyz köne binalar aýrylyp, ornuna täze jaýlar guruldy.

Daga ýapyşyp duran jaýlara seredeniňde bu ýerde şäher gurluşygynyň nädip amala aşyrylandygy barada pikirleneniňi duýman galýarsyň. Dag gerişleriniň arasyna agyr-agyr gurluşyk materiallarynyň eltilmegi, joşup akýan derýanyň kenarynda beýik ymaratlaryň ýykylman durmagy – bular täsinlik hasaplanýar. Şäherde 4 gatly ýaşaýyş jaýlaryndan başlap, 30 gatly ymaratlar bar. Daşyndan dar we kiçijik görünýändigine garamazdan şäherde 300 müňden gowrak adam ýaşaýar.

Daş-töweregi tokaýa bürenen şäheriň meşhur ýerleriniň arasynda Meier dagy, Douşaguan sahna meýdançasy, Wuçi gadymy ýoly ýaly ýerler bar. Ýanszine barýan syýahatçylar Hongda, «New Century» we «Huayao» myhmanhanalarynda galyp bilýärler. Hytaýyň dar şäherine her ýyl müňlerçe syýahatçy barýar.

# Bütindünýä AZYK GÜNI

Her ýylyň 16-njy oktýabrynda dünýäniň 150-den gowrak ýurdunda Bütindünýä azyk güni bellenilip geçilýär. Düýn «Has oňat iýmit we has gowy geljek üçin el-ele» şygary bilen bellenilip geçilen bu sene mynasybetli Birleşen Milletler Guramasynyň Azyk we Oba hojalygy guramasy (FAO) tarapyndan maslahatlar, forumlar, pikir alyşmalar we köpçülikleýin çäreler geçirildi. Bu ýyl FAO-nyň döredilmeginiň 80 ýyllygyna gabat gelen bütindünýä baýramçylygynda howanyň üýtgemegi, ykdysady çökgünlik we deňsizlik ýaly meseleler babatda pikir alşyldy. Bütindünýä azyk gününiň bellenilip geçilmeginiň esasy maksady oba-hojalyk önümleriniň öndürilişine gözegçilik etmek, her bir adamyň sagdyn iýmitlenmegini üpjün etmek we azyk önümleriniň hilini üýtgetmezden geljek nesillere ýetirmek bolup durýar.




Ösüp barýan ýurtlaryň köpüsinde oba hojalygy pudagy ykdysadyýetiň hereketlendiriji güýji hasaplanýar. Oba hojalygy pudagynda hyzmatdaşlygy ösdürmek, innowasion tehnikalary we tehnologiýalary ornaşdyrmak hem-de birek-birege ýardam bermek FAO-nyň esasy üns berýän meseleleri bolup durýar. Dünýä ilatynyň köpelmegi bilen oba hojalyk önümlerini yzygiderli ýokarlandyrmaga zerurlyk duýulýar. Şu nukdaýnazardan, FAO klimatyň üýtgemegine garşy göreşmek, azyk ýitgileriniň öňüni almak, guraklygyň täsirini azaltmak we käbir oba hojalyk ekinleriniň ýitmek howpunyň öňüni almak babatda birnäçe işleri alyp barýar. FAO-nyň hünärmenleri global iýmit zynjyryny gowulandyrmak, azyk ýitgilerini we galyndylary azaltmak üçin köpçülikleýin tagalla etmelidigini belleýärler.

FAO-nyň 1979-njy ýylyň noýabr aýynda geçirilen 20-nji umumy mejlisinde 16-njy oktýabr – Bütindünýä azyk güni diýlip yglan edilýär. Bu sene Birleşen Milletler Guramasynyň Azyk we Oba hojalygy guramasynyň döredilen gününi (16.10.1945ý.) köpçülikleýin bellemek maksady bilen döredilýär.

Dünýäde iň köp sarp edilýän azyk önümleriniň arasynda tüwi, towuk eti, ýumurtga, çörek, balyk, ýeralma, süýt, alma, aş önümleri, gök-bakja we däne önümleri öňdeligi eýeleýär. Dünýäde her ýyl 4 milliard tonna töweregi iýmit iýilýär.

# Bir çemçe toşabynda müň peýda bar



**Tebigatyň jana şypaly mileweleriniň biri bolan üzüm asyrlarboýy saçagymyzyň bezegi bolup gelýär. Üzümi terligine iýmek bilen bir hatarda, kişmiş, mürepbe, şerbet we toşap taýýarlanylýar. Hünärmenler witaminleriň, minerallaryň we tebigy şekeriň çeşmesi bolan üzüm toşabynyň saglyk üçin örän peýdalydygyny belläp, her gün 1-2 nahar çemçesi möçberde içmegi maslahat berýärler.**

**Energiýany artdyrýar we ýadawlygy aýyrýar.** Üzüm toşabynda köp mukdarda glýukoza we fruktoza bar. Bu maddalar bedende çalt energiýa öwrülip, adama güýç berýär. Irden üzüm toşabyny içmek günüňi energiýa bilen başlamaga we önjeýli işlemäge ýardam edýär.

**Ganazlyga garşy göreşýär.** Demre baý üzüm toşaby ganazlykdan ejir çekýänler üçin maslahat berilýän tebigy melhemleriň biridir. Her gün üzüm toşabynyň 1-2 çemçesini yzygiderli içmek gemoglobiniň derejesini ýokarlandyrýar we gan öýjükleriniň täzelenmegine ýardam edýär. Esasan hem, çagalara we zenanlara üzüm toşabyny içmek maslahat berilýär.

**Immuniteti güýçlendirýär.** Üzüm toşabyndaky antioksidantlar bedeni erkin radikallardan goraýar. Şeýle hem immuniteti güýçlendirip, bedeniň kesele garşy göreşijilik ukybyny ýokarlandyrýar. Gyş aýlarynda sowuklamanyň we dümewiň öňüni almak üçin üzüm toşabyny içmeli.

**Iýmit siňdirişi ýeňilleşdirýär.** Üzüm toşabyndaky organik kislotalar iýmit siňdirişi ýeňilleşdirip, aşgazany rahatlandyrýar. Şeýle hem içegäniň hereketini kadalaşdyryp, iýmit siňdiriş, iç gatama bilen bagly meseleleri aradan aýyrýar.

**Süňk we diş üçin peýdaly.** Üzüm toşabynyň düzüminde ýeterlik derejede kalsiý we magniý saklanýar. Bu minerallar süňküň we dişiň kadaly ösüşini üpjün etmek bilen bir hatarda, bogunlarda döreýän agyrylary azaltmaga ýardam edýär.

## ÇAGALAR

Maglumatlara görä, ilkinji telewizor 1923-nji ýylda şotland inženeri Jon Berd tarapyndan oýlanyp tapylýar.

# Aziýanyň we Ýewropanyň iň beýik nokady

**Ýer ýüzünde ululy-kiçili 1 milliondan gowrak dagyň bardygy aýdylýar. Elbrus, Alp, And, Ararat, Pamir, Hindiguş, Ural we Karpat daglary dünýäniň iň uly dag ulgamlary bolup, iň ýaşy Gimalaý hasaplanýar. Bilşimiz ýaly, 500 metr belentlikden ýokary depeler dag hasaplanýar. Gazetimiziň şu sanynda Aziýanyň we Ýewropanyň iň beýik depesi baradaky gyzykly maglumatlary dykgatyňyza ýetirmegi makul bildik.**









**Ewerest dagy.** Aziýanyň we dünýäniň iň beýik depesi bolan Ewerest dagy Nepal bilen Hytaýyň araçäginde Günorta Aziýanyň Uly Gimalaý daglarynda ýerleşýär. 8848 metr beýiklikdäki bu depe 1852-nji ýylda Ýeriň üstündäki iň beýik nokat hökmünde ykrar edilýär. Ewerest ir zamanlarda deňziň düýbünde bolup, ýeriň plitalarynyň hereketi netijesinde ösüp başlapdyr. Eweresti öwrenmek maksady bilen guralan ekspedisiýalar 1920-nji ýyllardan başlanýar. 1953-nji ýylda Täze zelandiýaly alpinist Edmund Hillari bilen nepally Tensing Norgeý Ewereste çykan ilkinji adamlar bolýar. Hünärmenleriň bellemegine görä, Ewerest dagy her ýyl 4 millimetr ösýär.

**Elbrus dagy.** Ýewropanyň iň beýik nokady Russiýanyň günorta-günbataryndaky Elbrus dagynda ýerleşýär. Wulkanyň atylmagy netijesinde 2,5 million ýyl mundan ozal emele gelen dag gerşiniň beýikligi 5642 metr bolup, buzluk meýdan bilen örtülendir. Elbrusda 22 buzluk bolup, bu ýerde işjeň wulkanlar we kükürt känleri esasy orny eýeleýär. Dünýäniň 7 depesiniň biri hasaplanýan bu beýiklige ilkinji gezek 1874-nji ýylda şweýsariýaly alpinist Piter Knubeliň ýolbaşçylygyndaky iňlis ekspedisiýa topary çykýar. Tomsuň gelmegi bilen Elbrus dagyndaky buzluklar eräp, Kuban derýasynyň bol suwuny emele getirýär.

# Hakyky dostlar

(Tymsal)

Bir ýaş ýigidiň toý güni barha golaýlapdyr. Ol toýa ençeme aýlap taýýarlyk görüpdir. Bir gün öýlenýän ýigit kakasyna ýüzlenip:

– Kaka, senden bir haýyşym bar. Meniň bir özüm hiç zada ýetişemok, şonuň üçin, ine, dostlarymyň sanawy. Olara jaň edip, toýuma çagyryp beräý – diýipdir.

– Bor, oglum! – diýip, kakasy sanawly kagyzy alypdyr.

Toý güni ogly kakasynyň ýanyna howsalaly gelip:

– Kaka, seniň edeniň näme? Men saňa «Ähli dostlaryma jaň edip, toýa çagyryp ber» diýmänmidim – diýip, gaharlanyp ugrapdyr.

– Men seniň aýdyşyň ýaly etdim-ä – diýip, kakasy oňa hoşamaý jogap beripdir.

– Kaka, meniň saňa beren sanawymda 50 adam bardy, toýa bolsa olaryň diňe 15-si gelipdir.

– Oglum, men olaryň hemmesine-de jaň edip çykdym. Olaryň her birine seniň haýyşyň bilen jaň edýändigimi hem-de seniň toý aladalary bilen ýetişmeýändigiňi we saňa dostlaryň kömeginiň gerek boljakdygyny hem aýtdym. Men olaryň ählisinden şu gün, şu sagatda, şu ýere jemlenmeklerini haýyş etdim. Sen onuň üçin alada etme, oglum! Çünki seniň hakyky dostlaryň häzir, ine, şu taýda.





12 tapawudy tapyň!



### Labirint



### Sanlary birleşdirip, şekili reňkläň!



### Şekilli sudoku

Şekiller öýjükleriň içine ýerleşdirilende dikligine we keseligine biri-birine gabat gelmeli däl. Ýagny bir şekil iki gezek gaýtalanmaly däl.



### Gyzykly pursat





## ÇAGALARY GÜÝMEÝÄN «GÜÝMENJE GUTUSY»

- Telewizor gelýän ses we şekil ýygylygyny elektromagnit tolkunlary arkaly kabul edip, ýagtylygyň kömegi bilen ekranda şekilleri görmäge mümkinçilik berýän elektron enjamdyr.
- Telewizor adalgasy grekleriň «tele» hem-de latyn diliniň «visio» sözleriniň goşulmagyndan gelip çykyp, «görmek» diýen manyny berýär.
- Maglumatlara görä, ilkinji telewizor 1923-nji ýylda şotland inženeri Jon Berd tarapyndan oýlanyp tapylýar.
- Tomaşaçylar telewizora ilkibaşda «güýmenje gutusy» diýip at berýärler.
- 1926-njy ýylda Berdiň ilkinji teleýaýlymy açmagy bilen ekrany ak-gara nokatlardan düzülen bu enjamyň meşhurlygy artyp başlaýar.
- 1936-njy ýylda Berlin tomusky Olimpiýa oýunlarynyň käbir bölekleri ilkinji gezek telewizorda köpçülikleýin görkezilýär.
- Ilkinji telewizion mahabat 1941-nji ýylda beýsbol oýnunda ýaýlyma berlip, onda «Bulova» sagatlarynyň waspy ýetirilýär.
- Ilkibaşda telewizoryň gutusynda ýaýlymy üýtgedip bolýan düwmeler bolup, tomaşaçy başga ýaýlymy görmek üçin her gezek ýerinden turmaly bolýar.
- 1950-nji ýylda uzakdan dolandyrylýan kabelli pult, 1955-nji ýylda bolsa simsiz pult işlenip düzülýär.
- 1954-nji ýylda ABŞ-da reňkli telewizorlar öndürilip başlanýar.
- 1960-njy ýyllarda teleýaýlymlar ak-gara ekrandan reňkli görnüşe geçýär.
- LCD tehnologiýasy bolan ilkinji tekiz telewizorlar 1990-njy ýyllaryň başynda öndürilýär.
- Köpleriň iň ýakyn dostuna öwrülen telewizoryň häzirki wagtda dürli ölçegdäki plazma ekranly, ýokary durulykly, sensorly, USB porty bolan, hatda üm hereketleri arkaly dolandyrylýan «akylly» görnüşleri hem bar.
- Her ýyl dünýäde 200 million töweregi telewizor öndürilýär.



Sahypany taýýarlan Sumbar ALYŞIROW.

## Nobeliň Edebiýat boýunça baýragynyň eýesi

Wenger ýazyjysy Laslo Krasnahorkai «Dünýäde emele gelen häzirki şertlerde döredilen sungatyň güýjüni tassyklaýan ynamly we öňdengörüjilikli işi üçin» 2025-nji ýylyň Nobeliň Edebiýat boýunça baýragyna eýe boldy.



71 ýaşly ýazyjy we ssenarist özüniň antiutopiýa romanlary üçin köp sanly baýraga, şol sanda 2015-nji ýylda halkara Buker baýragyna, 2019-njy ýylda terjime edilen edebiýat boýunça milli kitap baýragyna eýe boldy. Ol «Iblis Tango» (1985) we «Melanholiýa garşylygy» (1989) ýaly eserleri bilen bellidir. Krasnahorkai «Lagnat» (1988), «Iblis Tango» (1994), «Werkmeýster sazlaşygy» (2000) we «Turin aty» (2011) ýaly birnäçe film üçin ssenariý ýazdy.

Geçen ýyl bu baýraga «taryhy şikeslere garşy durýandygyny we adam durmuşynyň inçeligini açyp görkezýändigi üçin» koreý ýazyjysy Han Kan eýe boldy.

**Gurbangül ANNAMUHAMMEDOWA,**
*Änew şäherindäki 1-nji orta mekdebiň mugallymy.*



## Ferdöwsiniň «Şanamasy» sowgat berilýär

Täjigistanda ýaşaýan maşgalalaryň ählisine pars edebiýatynyň nusgawy şahyry Abdulkasym Ferdöwsiniň «Şanama» eseri mugt paýlanýar. Bu kitap ýurduň Prezidenti Emomali Rahmonyň milletine sowgady. Täjigistanyň medeniýet ministriniň orunbasary Manuçehr Şarifzodanyň sözlerine görä, iki jiltlik bu eser her bir maşgala sowgat berler.

Neşir Prezidentiň ätiýaçlyk gaznasyndan maliýeleşdirilýär. Prezident 2023-nji ýylyň ahyrynda «Şanamanyň» neşir edilmegini we raýatlara mugt paýlanmagyny tabşyrdy. Medeniýet ministrligi bu poemanyň ýeterlik mukdarda çap ediljekdigini we 2026-njy ýyla çenli Täjigistanyň ähli sebitlerine ýaýradyljakdygyny mälim etdi. Eseriň nusgalarynyň takyk sany häzire çenli mälim edilmedi.

Medeniýet ministrliginde durmuşa geçirilýän taslamanyň çap işleriniň ep-esli wagt aljakdygy, sebäbi iki jiltiň hersinde 1200 sahypanyň bardygy habar berildi. «Şanama» dünýä edebiýatynda iň uly eposlaryň biri hasaplanýar. Pars edebiýatynyň nusgawy şahyry Abulkasym Ferdöwsi bu eseriň üstünde 30 ýyldan gowrak wagt işläpdir.

**Aýjahan BEKDURDYÝEWA,**
*Ak bugdaý etrap merkezi kitaphanasynyň kitaphanaçysy.*

# Uspenskiniň türkmen aýdym-saz mirasyna goşandy



Şu ýyl meşhur rus sazşynasy we folklorçysy Wiktor Aleksandrowiç Uspenskiniň ýurdumyza amala aşyran ylmy saparynyň başlamagyna 100 ýyl boldy. Merkezi Aziýa halklarynyň aýdym-saz medeniýetini öwrenmegiň taryhynda meşhur sazşynaslar – Wiktor Aleksandrowiç Uspenskiniň (1879-1949) we Wiktor Mihaýlowiç Belýaýewiň (1888-1968) ylmy işleri aýratyn orny eýeleýär. Olar 1925-1928-nji ýyllarda Türkmenistanyň dürli künjegine syýahat edip, saz-etnografik saparlarynyň üçüsini amala aşyrýarlar. Geçen XX asyryň başynda, türkmen medeniýeti professional sungaty döretmekde has çynlakaý ädimleri ädip başlanda, nesilden nesle geçip gelýän baý saz mirasy çuňňur öwrenmek we olary gorap saklamak zerurlygy ýüze çykýar. Hut şol döwürde W.A.Uspenskiý bilen W.M.Belýaýew bu ugurdaky özboluşly işine başlaýarlar.

Türkmen halk saz döredijiligi baradaky ylmy esaslandyrmakda uly iş bitiren W.A.Uspenskiý öz saparlarynyň dowamynda meşhur bagşylar bilen duşuşyp, türkmen saz sungaty barada köp sanly maglumatlary toplaýar we 350-den gowrak halk sazlaryny hem-de mukamlary nota geçirýär. Rus kompozitory Wiktor Aleksandrowiç 1918-nji ýylda Daşkende göçüp gelip, bütin ömrüni Merkezi Aziýa halklarynyň aýdym-saz folklor baýlygyny gorap saklamaga bagyşlaýar. Onuň ilkinji etnografik işine hut biziň ýurdumyzdan başlamagy türkmen halkynyň baý aýdym-saz mirasyna eýedigini görkezýär.

Uspenskiý syýahatyň esasy ýüküni öz üstüne alýar. Onuň ylmy topary 4 ýylyň içinde türkmen obalarynyň köpüsinde saparda bolýar. Onuň adamkärçiligi we aýdym-saza bolan höwesi ýerli bagşylaryň hem-de sazandalaryň ünsüni özüne çekýär. Netijede, olar uly höwes bilen Uspenskä hemmetaraplaýyn ýardam berýärler. Türkmen atly ýigitleri bolsa, oňa ýolbeletlik edýärler.

1927-nji ýylyň oktýabrynda Wiktor Uspenskiý Krasnowodsk (häzirki Türkmenbaşy), Esenguly, Gyzyletrek (häzirki Etrek), Garrygala (häzirki Magtymguly), Nohur we Bamy sebitlerine ylmy saparlary amala aşyrýar. Olar Gyzyletregiň üsti bilen Çata gelensoňlar, çalt akýan Sumbar derýasyndan kynlyk bilen geçip, Soňudaga barýarlar. Uspenskiý syýahatynyň dowamyndaky ýol ýazgylarynda Etrek we Soňudag sebitleriniň owadan tebigaty we haýwanat dünýäsi barada aýratyn belläp geçýär. Onuň Soňudaga saparynyň esasy maksady, gadymy aýdym-sazlary nota geçirmek we resminamalaşdyrmak üçin meşhur Çowdur bagşy bilen duşuşmak bolupdyr. Çowdur bagşy il içinde ussat dutarçy, köp sazlary we goşgulary ýatdan bilýän bagşy hökmünde tanalypdyr. Ýöne saz öwrenijä Çowdur bagşy bilen görüşmek miýesser etmändir. Sebäbi Çowdur bagşy Soňudagdan has aňyrdaky obalaryň birine toýa çagyrylyp, gaýdyp geljek wagty hem belli bolmandyr. Şondan soň saz öwreniji Soňudagdan 21 kilometr töweregi uzaklykdaky Sumbar derýasynyň kenaryndaky Gyzylbaýyrdaky Duzolum obasyna gelýär. Ol bu ýerde Gulmämmet Kütmen oglunyň öýünde myhman bolýar. Uspenskiý oba adamlary bilen bolan gürrüňdeşlikde Soňudagda bolanda beýik türkmen şahyry Magtymguly Pyragynyň aram tapan ýeriniň şol ýerden uzakda däldigini bilip galyp, zyýarat etmek mümkinçiligini elden giderenine juda gynanýar. Sazşynas öz etnografik ýazgylarynda türkmen edebiýatynyň görnükli wekiliniň guburyna golaý baryp hem oňa zyýarat edip bilmändigine örän ökünýär. Ol Duzolum obasynda Gulmämmet aganyň öýünde myhmançylykda bolanda, oba adamlaryndan Magtymguly Pyragynyň birnäçe şygyrlaryny hem ýazyp alýar. Hakykatda, Uspenskiniň bu sebitlere sapary ýeňil bolmandyr, ýöne onuň gözleglere bolan hyjuwy, halk medeniýetine çuňňur hormat goýmagy oňa gymmatly maglumatlary ýygnamaga mümkinçilik berýär.

Belläp geçsek, 100 ýyla golaý mundan öň, Türkmenistana saz ýazmaga gelen sazşynas Wiktor Uspenskiniň myhman bolan öýi Gulmämmet aganyň nebereleri häzirki wagtda Gyzylbaýyr obasynda ýaşaýar. Gyzylbaýyr obasynyň ýaşaýjysy Tuwakmämmet (atasy Janmämmet) agasy Gulmämmediň we onuň aýaly Akmeňliniň bu myhmansöýerligini hemişe uly buýsanç bilen ýatlaýar. Saz öwrenijileriň Çowdur bagşyny idäp gelişleri we olaryň Gulmämmet Kütmen oglunyň öýünde myhman bolşy barada W.A.Uspenskiý bilen W.M.Belýaýewiň «Türkmen sazy» kitabynda jikme-jik gürrüň berilýär.

Uspenskiý tarapyndan toplanan maglumatlar seljerme we ylmy taýdan düşündiriş talap edipdir. Şeýlelikde, bu işe görnükli sazşynas-teoretik we saz taryhçysy W.M.Belýaýew hem gatnaşýar. Belýaýew Uspenskiniň ýazgylaryny öwrenip, türkmen halk aýdym-sazlarynda düýpli derňew geçirýär. Türkmen halk saz döredijiliginiň kakuw aýratynlyklaryny, ritm gurluşlaryny, äheň we ýerine ýetiriş usullaryny öwrenýär.

Şeýlelikde, olaryň bilelikdäki işi iki jiltlik «Türkmen sazy» eserinde öz beýanyny tapýar. Bu kitapda diňe bir toplanan sazlar hödürlenmän, eýsem, türkmen aýdym-saz ulgamynyň aýratynlygyny açyp görkezýän çuňňur saz seljermeleri hem beýan edilýär. Netijede, 1928-nji ýylda kompozitor we folklorçy W.A.Uspenskiniň we W.M.Belýaýewiň «Türkmen sazy» atly monografiýasynyň birinji jildi, 1936-njy ýylda bolsa, ikinji jildi kitap görnüşinde çapdan çykýar. Uspenskiý sazy ýazyp almagyň täze usullaryny we takyk nota transkripsiýasyny ulanyp, bagşy-sazandalaryň hut özlerinden halk aýdymlaryny, saz gurallarynyň heňlerini we gadymdan gelýän nusgawy sazlary nota geçirýär. Kitapda türkmen folklor žanrlary hem beýan edilip, saz öwreniji alym olary hüwdi aýdymlary, läleler (gyzlaryň ýerine ýetirýän aýdymlary), ýaş gelinleriň (çuwal gyzlaryň) aýdymlary, zähmet aýdymlary, monjugatdy aýdymlary we toý aýdymlary ýaly toparlara bölýär.

Uspenskiniň we Belýaýewiň ylmy barlaglary türkmen medeniýeti hem-de saz sungaty üçin uly ähmiýete eýedir. Türkmen halk saz döredijiligi öwrenilende W.A.Uspenskiniň we W.M.Belýaýewiň atlary hem-de olaryň Türkmenistana amala aşyran saparlary uly hormat bilen ýatlanýar. 1929-njy ýylda ussat kompozitor we sazşynas Wiktor Aleksandrowiç Uspenskä «Türkmenistanyň halk artisti» diýen hormatly at berilýär.

Häzirki wagtda W.A.Uspenskiniň W.M.Belýaýew bilen bilelikde neşir eden «Türkmen sazy» monografiýasynyň peýda bolmagyna 100 ýyla golaý wagt geçdi, ýöne ol henizem aýdym-saz mekdepleriniň we konserwatoriýanyň okuwçylary üçin maglumat kitabydyr. Bu kitap onýyllyklardan soň, 2016-njy ýylda Aşgabatda iki tomluk görnüşinde täzeden neşir edildi. Türkmen saz ylmyndaky bitiren hyzmatlary göz öňünde tutulyp, Aşgabatdaky köçeleriň birine Uspenskiniň ady dakyldy. Şu ýylyň aprel aýynda Uspenskiniň ýurdumyza amala aşyran ylmy saparynyň başlamagynyň 100 ýyllygyna bagyşlanyp, Maýa Kulyýewa adyndaky Türkmen milli konserwatoriýasynda «Sazşynasyň saparlarynyň türkmen medeniýetini öwrenmekdäki ähmiýeti» atly ylmy-amaly maslahat geçirildi. Maslahatda çykyş edenler türkmen medeniýetini we sungatyny ylmy derejede öwrenip, häzirki günlerimize gelip ýetmeginde uly işleri bitiren ussat saz sungatyny öwreniji alym W.A.Uspenskiniň ylmy gözlegleri, ömri we döredijiligi barada gyzykly maglumatlary we mysallary getirdiler. Şeýle hem geçen ýyl ýurdumyzda Türkmenistanyň Döwlet medeniýet merkeziniň Döwlet kitaphanasynyň çeperçilik bölümi tarapyndan Türkmenistanyň halk artisti, sazşynas-etnograf W.A.Uspenskiniň doglan gününiň 145 ýyllygyna bagyşlanan çäre guraldy.

**Şadurdy SADYKOW,**
*Etrek etrabynyň Magtymguly adyndaky 9-njy orta mekdebiniň mugallymy.*

Üç ölçegli surat




| | | | | | | | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| Iňlis süýjüligi | | Gije | | Bir zady ýagşylyga ýormak däbi | | Mantynyň bir görnüşi | | Obýektiň ululygy | | Kataryň paýtagty | | «Ýaşuly, ata» manysynda aýdylýan söz | «... kesbi-ogla halal» (nakyl) |
| Gyz ady | | Bürgüde meňzeş ýyrtyjy guş | | | | | | | | Daýhançylyk, maldarçylyk bilen meşgullanylýan ilatly ýer | | | |
| | | | | Koreý awtoulag brendi | | Italiýanyň futbol topary | | Oglan ady | | | | | |
| Jeza | | «... myhman öý eýesine hödür eder» (nakyl) | | | | | | Kompýuter oýny | | Pars suratkeşi ... Riza | | | |
| | | | | | Bellik | | | | | | Kaka (köne söz) | | Dünýäniň bir görnüşi |
| Deňiz jandary | | Gemriji jandar | Tokaý jandary | | | | | | | | | Birnäçe | |
| | | | | Türkmen bedewi | «Paskal» basyş ölçeginiň gysga aňladylyşy | | Kagyzda bolan resminamanyň elektron şekili | | | | | | |
| Jebir, jepa | Parça meňzeş mata | | | | | | | Iki çyzygyň kesişmesi | | Döwlet nyşany | | Çörek | |
| | | | | Rowaýatlarda duş gelýän hyýaly guş | | | | | Totynyň bir görnüşi | | | | |
| «Okaýan il ..., okamaýan il tozar» (nakyl) | Hapa | | | | Dokmaçylyk guraly | | | | | Aýlaryň biri | | | |
| | | | | Gozanyň içindäki pagtaly öýjük | | | | | Ganyň ýürege tarap hereket edýän gan damary | | | | |

**41-nji SKANWORD**

**Hatyja MÄMMEDOWA,** *S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň talyby.*



**53-nji KROSSWORD**

● **DIKLIGINE:** **1.** Oglan ady. **2.** Gymmat bahaly daşlaryň we metallaryň standart ölçegi. **3.** Oglan ady. **4.** Organiki birleşme görnüşindäki biohimiki element. **5.** Uzak aralygy ölçemek üçin enjam. **6.** Barlaghanada ulanylýan aýna gap. **7.** Eliň tirsek bilen goşar aralygy. **8.** Bir zada bolan isleg. **9.** Anbar. **14.** Ýük ulagy. **15.** Eliň iç ýüzi. **17.** «Çaga-da ... diýip aglar, uly-da» (nakyl). **18.** Gadymy ýazuw kagyzy. **19.** Geçmiş hakynda halk arasynda ýaýran, nesilden-nesle, dilden-dile geçen gürrüň. **20.** Aýdym-saz adalgasy. **25.** Braziliýanyň bir şäheri ...-de-Žaneýro. **27.** Awtoulag tigirleriniň diskini öndürýän nemes kompaniýasy. **28.** Turpuň bir görnüşi. **29.** Türkiýäniň ilkinji Prezidenti. **30.** «Howa» sözüniň iňlisçesi. **33.** Joşgun, hyjuw. **34.** Balygyň bir görnüşi. **35.** Eralaryň biri. **36.** Edep-ekram. **37.** Gumda bitýän, çalymtyl reňkli, ownuk pürli sazak. **39.** Ýagşy, oňat. **40.** Kert, gaýa.

● **KESELIGINE:** **1.** Arabika kofesiniň bir görnüşi. **7.** Çalt, basym. **10.** Rus arheology Wiktor ... **11.** Gara öýüň daýanç merkezi. **12.** Çörek önümi. **13.** Bürünç asyryna degişli şäher. **14.** Organiki birleşme. **16.** ...-kär. **19.** Aýdym-saz adalgasynyň bir bölümi. **21.** Ýeňil atletikanyň bir görnüşi. **22.** Okuw dersi. **23.** Çekirtge görnüşli mör-möjek. **24.** Ylmy, edebi eserleriň ählisiniň jemi. **26.** At saklanýan ýer. **29.** Mehanizmleşdirilen ýaý. **31.** Kanadanyň iň uly şäheri. **32.** Rysgal (köne söz). **35.** Daşary ýurt adam ady. **38.** Agyz boşlugyny arassalaýjy enjam. **41.** «Jeň eýleme ... bilen» (Mätäji). **42.** Lebap welaýatynda bir etrap. **43.** Afrikanyň ada şäheri. **44.** Tansyň bir görnüşi. **45.** Gymmatly daş.

**Garýagdy TAGANOW,**
*Türkmenistanyň Telekommunikasiýalar we informatika institutynyň talyby.*

38-nji skanwordyň jogaby:



39-njy skanwordyň jogaby:



40-njy skanwordyň jogaby:



52-nji krosswordyň jogaby:



# Türkmenistanyň milli ýygyndysy Şri Lankanyň ýygyndysyndan üstün çykdy

2027-nji ýylda Saud Arabystanynda geçiriljek 19-njy Aziýa Kubogy ýaryşynyň 3-nji saýlama tapgyrynda «D» toparçada Türkmenistanyň ýygyndysy Şri Lankanyň ýygyndysy bilen duşuşdy. Arkadag şäherindäki «Arkadag» stadionynda oýnalan duşuşykda ildeşlerimiz 2–1 hasabynda ýeňiş gazandy. Duşuşygyň 1-nji ýarymy golsuz tamamlanyp, gollaryň 3-si hem 2-nji ýarymda derweзä girizildi. Oýnuň 52-nji minutynda milli toparymyzyň kapitany Elman Tagaýew hasaby açdy. Bu goldan 5 minut soň, has takygy, 57-nji minutda Mekan Saparow tapawutlanyp, hasaby 2-ä çykardy. Şri Lankanyň ýygyndysy oýnuň 65-nji minutynda geçirden gollarynyň biriniň öwezini doldy. Güýçmyrat Annagulyýewiň awtogoly bilen hasap 2–1 boldy. Duşuşyk 2–1 hasabynda ildeşlerimiziň peýdasyna tamamlandy. Türkmenistanyň milli ýygyndysy Şri Lankanyň milli toparyny 8-nji oýunda 6-njy gezek ýeňlişe sezewar etdi (1 deňlik, 1 ýeňliş). Şri Lankanyň ýygyndysy milli toparymyzyň iň köp ýeňen 2 toparynyň biri bolup, ildeşlerimiz Hytaý Taýpeýiniň ýygyndysyny hem 6 gezek ýeňmegiň hötdesinden geldi.

Toparçadaky beýleki duşuşykda Tailandyň milli ýygyndysy myhmançylykda Hytaý Taýpeýiniň toparyny 6–1 hasabynda ýeňdi. Toparçada 4-nji duşuşyklardan soň Türkmenistanyň ýygyndysy 9 utuk bilen 1-nji orny eýeleýär. 9 utukly Tailandyň ýygyndysy ikiçäk oýunda utulany üçin 2-nji ýerde barýar. 3-nji basgançakdaky Şri Lankanyň 6 utugy bar. Hytaý Taýpeýiniň ýygyndysyna entek utuk gazanmak başartmady.





### SIRIÝANYŇ ÝYGYNDYSY GATNAŞMAGA HUKUK GAZANDY

● Ýeri gelende bellesek, 3-nji saýlama tapgyrda 6 toparça bolup, diňe ýeňijiler final tapgyryna gatnaşarlar. «A» toparçada Filippinler bilen Täjigistanyň ýygyndylarynyň arasynda ýiti göreş bolup, iki toparyň hem 10 utugy bar. «B» toparçada Liwanyň ýygyndysy 10 utuk, Ýemeniň milli topary 8 utuk toplamagy başardy. «C» toparçada Gonkong bilen Singapuryň ýygyndylary 8 utuk toplap, 1–2-nji orunlary paýlaşýarlar. «E» toparçada 4 oýnuň ählisinde-de ýeňiş gazanan Siriýanyň ýygyndysy Saud Arabystanynda geçiriljek çempionatda çykyş etmäge ygtyýar aldy. «F» toparçada Malaýziýanyň 12, Wýetnamyň 9 utugy bar.

Türkmenistanyň milli ýygyndysy nobatdaky duşuşygyny 18-nji noýabrda geçirer. Şonda ildeşlerimiz «Arkadag» stadionynda Hytaý Taýpeýiniň milli ýygyndysy bilen duşuşar.

| Or. | «D» | O | Ý | D | U | P | O |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | TÜRKMENISTAN | 4 | 3 | 0 | 1 | 7–4 | 9 |
| 2 | TAILAND | 4 | 3 | 0 | 1 | 10–4 | 9 |
| 3 | ŞRI LANKA | 4 | 2 | 0 | 2 | 5–4 | 6 |
| 4 | HYTAÝ TAÝPEÝI | 4 | 0 | 0 | 4 | 3–13 | 0 |




**17-nji oktýabr (anna)**

| | |
|---|---|
| Ýunion Berlin – Borussiýa M (23:30) | |
| **PSŽ – Strasbur (23:45)** | |

**18-nji oktýabr (şenbe)**

| | |
|---|---|
| N. Forest – Çelsi (16:30) | |
| Leipsig – Hamburg (18:30) | |
| Maýns – Baýer (18:30) | |
| **Man. Siti – Ewerton (19:00)** | |
| Barselona – Žirona (19:15) | |
| Nissa – Lion (20:00) | |
| Torino – Napoli (21:00) | |
| **Fulham – Arsenal (21:30)** | |
| **Bawariýa – Borussiýa D (21:30)** | |
| Lokomotiw – SSKA (21:45) | |
| Istanbul BŞ – Galatasaraý (22:00) | |
| **Roma – Inter (23:45)** | |
| Atletiko – Osasuna (00:00) | |
| Aýaks – AZ Alkmaar (00:00) | |
| Marsel – Le Hawr (00:05) | |

**19-njy oktýabr (ýekşenbe)**

| | |
|---|---|
| Komo – Ýuwentus (15:30) | |
| **Tottenham – Aston Willa (18:00)** | |
| **Liwerpul – M. Ýunaýted (20:30)** | |
| Atalanta – Lasio (21:00) | |
| Milan – Fiorentina (23:45) | |
| Hetafe – Real Madrid (00:00) | |

**20-nji oktýabr (duşenbe)**

| | |
|---|---|
| West Ham – Brentford (00:00) | |

# IKI GOŇŞY ARAP ÝURDY DÜNÝÄ KUBOGYNDA ÇYKYŞ EDER

**FIFA Dünýä Kubogy 2026-a gatnaşjak toparlaryň hataryna Aziýadan ýene 2 ýygyndy goşuldy. Aziýa zolagynyň 4-nji tapgyrynyň duşuşyklary jemlenip, Kataryň hem-de Saud Arabystanynyň milli ýygyndylary Dünýä Kubogyna wekilçilik etmäge hukuk gazandylar.**

«A» toparçada Kataryň ýygyndysy 3 oýunda 4 utuk toplady. Duşuşyklar Katarda geçirildi. Oman bilen golsuz deňme-deň oýnan katarlylar BAE-niň ýygyndysyny Huhiniň hem-de Pedro Migeliň gollary bilen 2–1 hasabynda ýeňmegi başardy. BAE bu duşuşykdan öň Omany 2–1 hasabynda ýeňipdi. Netijede, Katar 4, BAE 3, Oman 1 utuk bilen 4-nji tapgyry tamamlady. 2022-nji ýyldaky çempionatyň guramaçysy bolan Kataryň ýygyndysy taryhynda 2-nji gezek Dünýä Kubogyna gatnaşar.

«B» toparçada Saud Arabystanynyň, Yragyň hem-de Indoneziýanyň ýygyndylary bäsleşdi. Ýer eýeleri Saud Arabystanynyň ýygyndysy Indoneziýanyň milli toparyny çekeleşikli geçen oýunda 3–2 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi (Abu Al-Şarmat 17, Al-Buraikan 36 p, 62 — Diks 11 p, 88 p). Yragyň ýygyndysy Indoneziýanyň ýygyndysyny Ikbalyň 76-njy minutdaky ýeke-täk goly bilen 1–0 hasabynda ýeňdi. Saud Arabystany bilen Yragyň ýygyndylarynyň arasyndaky oýunda hasap açylmady. Netijede, utuklary we gol aratapawudy deň bolan Saud Arabystanynyň ýygyndysy Yragyň ýygyndysyndan köp gol geçireni üçin Dünýä Kubogyna gatnaşmak hukugyna eýe boldy. Saud Arabystanynyň ýygyndysy bassyr 3-nji, umumylykda 7-nji gezek futbolyň iň uly baýramçylygyna gatnaşar (1994, 1998, 2002, 2006, 2018, 2022, 2026).

Aziýa zolagynda 5-nji tapgyrda 4-nji tapgyryň toparçalarynda 2-nji orny eýelän BAE bilen Yragyň ýygyndylary noýabr aýynda 2 ýerde özara duşuşarlar. Ýeňiş gazanan topar yklymlararasy pleý-off tapgyryna gatnaşar.





# ÝEWROPADAN ILKINJI WEKIL ANGLIÝANYŇ ÝYGYNDYSY BOLDY

**Dünýä Kubogy 2026-nyň saýlama tapgyrynyň Ýewropa zolagynyň toparçalardaky duşuşyklary noýabr aýynda tamamlanar. Oktýabr aýyndaky oýunlardan soň, diňe 1 ýygyndy – Angliýanyň ýygyndysy final tapgyryna çykmagy başardy. Ispaniýadyr Portugaliýanyň hem-de Niderlandlaryň ýygyndylary bolsa, noýabr aýyndaky 1-nji oýunlarda ýeňiş gazanan ýagdaýynda atlaryny final tapgyryna ýazdyrarlar.**











### Ýiti göreş dowam edýär

● **«A» toparçada** Germaniýanyň ýygyndysy 2 duşuşygynda-da ýeňiş gazanyp, 1-nji orna beýgeldi. Öz meýdançasynda Lýuksemburgyň derwezesinden jogapsyz 4 gol geçiren Germaniýanyň ýygyndysynyň adyndan Raum, Kimmih (2) hem-de Gnabri tapawutlandy. Germaniýanyň ýygyndysy 2-nji duşuşygynda Demirgazyk Irlandiýanyň milli toparyny Woltemadeniň 31-nji minutdaky ýeke-täk goly bilen ýeňlişe sezewar etdi.

**«B» toparçada** myhmançylykda Şwesiýany Džaka hem-de Manzambiniň gollary bilen 2–0 hasabynda ýeňen Şweýsariýa Lýublýanada Sloweniýa bilen golsuz deňme-deň oýnady. Şwesiýanyň ýygyndysy öz meýdançasynda Kosowonyň milli toparyndan Asllaniniň 32-nji minutda salan goly esasynda ýeňlişe sezewar boldy. Şwesiýanyň ýygyndysy 4 oýunda 1 utuk toplap, iň soňky orunda barýar. Toparyň tälimçisi, daniýaly Jon Dal Tomasson bu şowsuz netijelerden soň, wezipesinden boşadyldy.

**«C» toparçada** Daniýadyr Şotlandiýanyň ýygyndylary Gresiýadyr Belarusuň ýygyndylaryny ýeňlişe sezewar etdiler. Daniýa myhmançylykda Belarusdan 6–0 hasabynda üstün çykyp, oýunda Hýoýlunn bilen Dreýer 2 gezek tapawutlandy. Olar soňky duşuşygynda Gresiýany 3–1 hasabynda ýeňmegi başardy. Şotlandiýa hem Gresiýany 3–1 hasabynda ýeňip, Britan adasynyň wekili 2-nji duşuşygynda Belarusuň ýygyndysyny 2–1 hasabynda utdy.

**«D» toparçada** Fransiýanyň ýygyndysy öz meýdançasynda Azerbaýjanyň milli toparyny Mbappe, Rabio hem-de Toweniň gollary bilen 3–0 hasabynda ýeňdi. Ukrainanyň milli topary-da myhmançylykda Islandiýadan 5–3 hasabynda üstün çykdy. Duşuşykda ukrainaly Malinowski bilen islandiýaly Gudmundsson 2 gol geçirdi. Fransiýanyň ýygyndysy myhmançylykda Islandiýa bilen 2–2 hasabynda deňme-deň oýnap, ilkinji gezek utuk ýitirdi (Palsson 39, Hlynsson 70 — Nkunku 63, Mateta 68). Ukrainanyň ýygyndysy Krakowda Azerbaýjanyň milli toparyny 2–1 hasabynda ýeňip, Dünýä Kubogyna gatnaşmak mümkinçiligini dowam etdirdi.

**«E» toparçada** Ispaniýanyň milli ýygyndysy ädimme-ädim Dünýä Kubogyna sary barýar. Käbir ýyldyz oýunçylarynyň şikeslidigine garamazdan, matadorlar gol geçirtmezden ýeňişli ýörişini dowam etdirýärler. Elçe şäherinde Gruziýany Pino (24) we Oýarzabalyň (64) gollary bilen 2–0, Walýadolidde bolsa Bolgariýany Merinonyň (35, 57), Çernewiň (79 ö.d.) hem-de Oýarzabalyň (90+2 p) gollary esasynda 4–0 hasabynda ýeňen Ispaniýa utugyny 12-ä çykardy. Türkiýäniň ýygyndysy bolsa 2 oýunda 10 gol geçirip, 2 gol geçirtdi. Myhmançylykda Bolgariýanyň ýygyndysyny 6–1, öz meýdançasynda-da Gruziýanyň milli toparyny 4–1 hasabynda ýeňen Türkiýäniň ýygyndysynda Kenan Ýyldyz 3, Merih Demiral 2 gezek tapawutlandy.



### Ronaldonyň täze rekordy

● **«F» toparçada** Portugaliýanyň milli ýygyndysynyň Dünýä Kubogyna gatnaşmak mümkinçiligi soňky minutlarda geçirden goly esasynda noýabr aýyna galdy. Portugaliýanyň milli topary öz meýdançasynda Irlandiýany 1–0 hasabynda ýeňdi. Ronaldonyň 11 metrlik jerime urgusyny dürs urup bilmedik oýnunda portugallara ýeňiş getiren goly 90+3-nji minutda Ruben Neweş geçirdi. Portugaliýanyň ýygyndysy 2-nji duşuşygynda Wengriýany kabul etdi. Oýunda myhmanlar Şallainiň 8-nji minutdaky goly bilen hasaby açsa-da, ýer eýeleri Kristiano Ronaldonyň 22-nji we 45+3-nji minutlardaky gollary esasynda öňe saýlandy. Ýöne 90+1-nji minutda Soboslai hasaby deňläp, portugallaryň Dünýä Kubogyna gatnaşmak mümkinçiligini indiki aýa süýşürdi. Portugaliýanyň ýygyndysyna galan 2 oýunda 2 utuk ýeterlik bolar.

Şeýle-de Ronaldonyň Dünýä Kubogynyň saýlama oýunlarynda geçiren gollarynyň sany 41-e ýetip, ol bu sanawda 1-nji orna beýgeldi. Ronaldo 39 gol geçiren gwatemalaly Karlos Ruiziň 9 ýyllyk rekordyny täzeledi. Ronaldonyň milli topardaky gollarynyň sany 143, tutuş karýerasy boýunça-da 948-e ýetdi.

**«G» toparçada** Niderlandlaryň ýygyndysy 2 duşuşygynda-da 4–0 hasaplar bilen ýeňiş gazandy. Myhmançylykda Maltany (Gakpo 12 p, 49 p, Reinders 57, Depaý 90+3), öz meýdançasynda-da Finlýandiýany (Malen 8, Wan Deýk 17, Depaý 38, Gakpo 84) 4–0 hasap bilen ýeňen Niderlandlaryň düzüminde Gakpo 3, Depaý 2 gol geçirdi. Litwany Şimanskiniň hem-de Lewandowskiniň gollary bilen 2–0 hasabynda ýeňen Polşanyň ýygyndysy Niderlandlardan 3 utuk yzda bolup, 2-nji ýerde barýar.

**«H» toparçada** Awstriýanyň ýygyndysy öz meýdançasynda San Marinonyň ýygyndysynyň derwezesinden jogapsyz 10 gol geçirdi. Gollaryň 4-sini tejribeli hüjümçi Marko Arnautowiç (8, 47, 83, 84), 2-sini Stefan Poş (30, 42), beýlekileri-de Şmid (7), Gregoritç (24), Laimer (45) hem-de Wimbrand (76) öz atlaryna ýazdyrdylar. Duşuşykda esasy düzümde oýna çykan 11 futbolçynyň derwezeçiden galany geçirilen 10 gola gönümel goşant goşup, olar ýa gol geçirdiler ýa-da asist etdiler. Awstriýanyň ýygyndysy 2-nji duşuşygynda Rumyniýadan Gitanyň ýeke-täk goly esasynda asgyn geldi.

### 50 gola iň çalt ýeten 6-njy futbolçy boldy

● **«I» toparçada** Norwegiýanyň ýygyndysy öz meýdançasynda Ysraýylyň ýygyndysyny 5–0 hasabynda utdy. Ýer eýeleriniň ýyldyz hüjümçisi duşuşykda het-trik edip, onuň milli topardaky gollarynyň sany 51-e ýetdi. Holanna 50 goldan geçmek üçin 46 duşuşyk gerek boldy. Holann 50 oýna ýetmezden 50 gol geçiren 6-njy futbolçy hökmünde hasaba alyndy. Ondan öňde daniýaly Poul Nilsen (36 oýunda), germaniýaly Gerd Müller (41 oýunda), wengriýaly Ferens Puşkaş (41 oýunda) hem-de wengriýaly Sandro Koçiş (42 oýunda) bar. Duşuşykda Holann oýnuň başlarynda 11 metrlik jerime urgusyndan ýerlikli peýdalanyp bilmedi. Beýleki 2 goly utulan toparyň futbolçylaryndan Kalaili bilen Nakmias öz derwezelerinden geçirdiler. Toparçada 2-nji ýerde barýan Italiýanyň ýygyndysy ilki Estoniýany 3–1, soňra öz meýdançasynda Ysraýylyň ýygyndysyny 3–0 hasaplar bilen utdy. 1-nji oýunda Ken (4), Retegi (38), Esposito (74), 2-nji duşuşykda Retegi (45+2 p, 74) bilen Mançini (90+3) tapawutlandy. Toparçada 16-njy noýabrda «San Siroda» oýnaljak Italiýa bilen Norwegiýanyň ýygyndylarynyň jogap duşuşygy ýeňijini kesgitlär. 1-nji oýunda skandinawlar 3–0 hasabynda ýeňiş gazanypdy.

**«J» toparçada** Belgiýanyň ýygyndysy Demirgazyk Makedoniýanyň ýygyndysyny öz meýdançasynda hem ýeňip bilmedi (0-0). Mälim bolşy ýaly, 1-nji oýun hem deňlikde tamamlanypdy (1-1). Ýöne Belgiýanyň ýygyndysy myhmançylykda Uelsiň milli toparyny 4–2 hasabynda ýeňmegi başardy. Myhmanlara ýeňiş getiren gollaryň 2-sini 11 metrlik jerime urgusyndan De Bruýne (18, 76), beýlekileri-de Mýonýe bilen Trossar geçirdi.



### Ýewropadan ilkinji ýygyndy gol geçirtmezden, Dünýä Kubogyna gatnaşýar

● **«K» toparçada** Angliýanyň ýygyndysy 2 tapgyr galanda, 6 oýunda 18 utuk toplap, nobatdaky gezek Dünýä Kubogyna gatnaşmaga hukuk gazandy. Futbolyň watany hasaplanýan ýurduň ýygyndysy myhmançylykda Latwiýanyň milli toparyny 5–0 hasabynda ýeňdi. Iňlislere Dünýä Kubogyny gazandyran ýeňşiň gollaryny Gordon (26), Keýn (44, 45+4 p), Tonişewis (58 ö.d.) hem-de Eze (86) geçirdi. Şeýlelikde, Angliýanyň ýygyndysy 6 oýunda 18 utuk toplap, 2-nji ýerdäki Albaniýanyň ýygyndysyndan 7 utuk öňe saýlandy. Olar 6 oýunda ýeke gol hem geçirtmän 18 goly derwezä girizdiler. Angliýanyň ýygyndysy bassyr 8-nji, umumylykda-da 17-nji gezek Dünýä Kubogyna gatnaşarlar (1950, 1954, 1958, 1962, 1966, 1970, 1982, 1986, 1990, 1998, 2002, 2006, 2010, 2014, 2018, 2022, 2026).

### Farer adalarynyň ýygyndysy hem tijenýär

● **«L» toparçada** Horwatiýanyň ýygyndysy myhmançylykda Çehiýa bilen golsuz deňme-deň oýnap, öz meýdançasynda Gibraltaryň ýygyndysyny 3–0 hasabynda ýeňdi. 2-nji oýundaky gollary Fruk, Suçiç hem-de Erliç öz atlaryna ýazdyrdylar. Ýewropa çempionatynyň saýlama tapgyrynda Lýuksemburgyň şowly netije görkezmeginden soň, Dünýä Kubogynyň saýlama tapgyrynda-da yklymyň futboly pes hasaplanýan ýurtlarynyň biri bolan Farer adalarynyň ýygyndysy üstünlikli çykyş edýär. Öz meýdançasynda Garadagyň ýygyndysyny 4–0 hasabynda ýeňen Farer adalary taryhyndaky iň uly aratapawutly ýeňiş rekordyny gaýtalady. Olar taryhynda 3-nji gezek 4 gol aratapawudy bilen ýeňiş gazandylar. Farer adalarynyň 2-nji duşuşygy Çehiýanyň ýygyndysy bilen bolup, duşuşykda ýer eýeleri 2–1 hasabynda ýeňiş gazandy. Häzirki wagtda toparçada Horwatiýa 6 oýundan soň, 16 utuk bilen 1-nji ýeri eýelese, 7 oýunda 13 utuk toplan çehler 2-nji, 12 utukly Farer adalarynyň ýygyndysy bolsa 3-nji ýerde barýar.

| Or. | «A» | O | Ý | D | U | P | O |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | GERMANIÝA | 4 | 3 | 0 | 1 | 8-3 | 9 |
| 2 | SLOWAKIÝA | 4 | 3 | 0 | 1 | 5-2 | 9 |
| 3 | D. IRLANDIÝA | 4 | 2 | 0 | 2 | 6-5 | 6 |
| 4 | LÝUKSEMBURG | 4 | 0 | 0 | 4 | 1-10 | 0 |

D. Irlandiýa—Slowakiýa: 2-0, Germaniýa—Lýuksemburg: 4-0; D. Irlandiýa—Germaniýa: 0-1, Slowakiýa—Lýuksemburg: 2-0

| Or. | «B» | O | Ý | D | U | P | O |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | ŞWEÝSARIÝA | 4 | 3 | 1 | 0 | 9-0 | 10 |
| 2 | KOSOWO | 4 | 2 | 1 | 1 | 3-4 | 7 |
| 3 | SLOWENIÝA | 4 | 0 | 3 | 1 | 2-5 | 3 |
| 4 | ŞWESIÝA | 4 | 0 | 1 | 3 | 2-7 | 1 |

Kosowo—Sloweniýa: 0-0, Şwesiýa—Şweýsariýa: 0-2; Sloweniýa—Şweýsariýa: 0-0, Şwesiýa—Kosowo: 0-1

| Or. | «C» | O | Ý | D | U | P | O |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | DANIÝA | 4 | 3 | 1 | 0 | 12-1 | 10 |
| 2 | ŞOTLANDIÝA | 4 | 3 | 1 | 0 | 7-2 | 10 |
| 3 | GRESIÝA | 4 | 1 | 0 | 3 | 7-10 | 3 |
| 4 | BELARUS | 4 | 0 | 0 | 4 | 2-15 | 0 |

Belarus—Daniýa: 0-6, Şotlandiýa—Gresiýa: 3-1; Şotlandiýa—Belarus: 2-1, Daniýa—Gresiýa: 3-1

| Or. | «D» | O | Ý | D | U | P | O |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | FRANSIÝA | 4 | 3 | 1 | 0 | 9-3 | 10 |
| 2 | UKRAINA | 4 | 2 | 1 | 1 | 8-7 | 7 |
| 3 | ISLANDIÝA | 4 | 1 | 1 | 2 | 11-9 | 4 |
| 4 | AZERBAÝJAN | 4 | 0 | 1 | 3 | 2-11 | 1 |

Fransiýa—Azerbaýjan: 3-0, Islandiýa—Ukraina: 3-5; Islandiýa—Fransiýa: 2-2, Ukraina—Azerbaýjan: 2-1

| Or. | «E» | O | Ý | D | U | P | O |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | ISPANIÝA | 4 | 4 | 0 | 0 | 15-0 | 12 |
| 2 | TÜRKIÝE | 4 | 3 | 0 | 1 | 13-10 | 9 |
| 3 | GRUZIÝA | 4 | 1 | 0 | 3 | 6-9 | 3 |
| 4 | BOLGARIÝA | 4 | 0 | 0 | 4 | 1-16 | 0 |

Bolgariýa—Türkiýe: 1-6, Ispaniýa—Gruziýa: 2-0; Ispaniýa—Bolgariýa: 4-0, Türkiýe—Gruziýa: 4-1

| Or. | «F» | O | Ý | D | U | P | O |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | PORTUGALIÝA | 4 | 3 | 1 | 0 | 11--4 | 10 |
| 2 | WENGRIÝA | 4 | 1 | 2 | 1 | 8--7 | 5 |
| 3 | IRLANDIÝA | 4 | 1 | 1 | 2 | 4--5 | 4 |
| 4 | ERMENISTAN | 4 | 1 | 0 | 3 | 2--9 | 3 |

Portugaliýa—Irlandiýa: 1-0, Wengriýa—Ermenistan: 2-0; Irlandiýa—Ermenistan: 1-0, Portugaliýa—Wengriýa: 2-2

| Or. | «G» | O | Ý | D | U | P | O |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | NIDERLANDLAR | 6 | 5 | 1 | 0 | 22--3 | 16 |
| 2 | POLŞA | 6 | 4 | 1 | 1 | 10--4 | 13 |
| 3 | FINLÝANDIÝA | 7 | 3 | 1 | 3 | 8--13 | 10 |
| 4 | LITWA | 7 | 0 | 3 | 4 | 6--11 | 3 |
| 5 | MALTA | 6 | 0 | 2 | 4 | 1--16 | 2 |

Finlýandiýa—Litwa: 2-1, Malta—Niderlandlar: 0-4; Niderlandlar—Finlýandiýa: 4-0, Litwa—Polşa: 0-2

| Or. | «H» | O | Ý | D | U | P | O |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | AWSTRIÝA | 6 | 5 | 0 | 1 | 19--3 | 15 |
| 2 | BOSNIÝA | 6 | 4 | 1 | 1 | 13--5 | 13 |
| 3 | RUMYNIÝA | 6 | 3 | 1 | 2 | 11--6 | 10 |
| 4 | KIPR | 7 | 2 | 2 | 3 | 11--9 | 8 |
| 5 | SAN MARINO | 7 | 0 | 0 | 7 | 1--32 | 0 |

Awstriýa—San Marino: 10-0, Kipr—Bosniýa we Gersegowina: 2-2; San Marino—Kipr: 0-4, Rumyniýa—Awstriýa: 1-0

| Or. | «I» | O | Ý | D | U | P | O |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | NORWEGIÝA | 6 | 6 | 0 | 0 | 29-3 | 18 |
| 2 | ITALIÝA | 6 | 5 | 0 | 1 | 18-8 | 15 |
| 3 | YSRAÝYL | 7 | 3 | 0 | 4 | 15-19 | 9 |
| 4 | ESTONIÝA | 7 | 1 | 1 | 5 | 7-17 | 4 |
| 5 | MOLDOWA | 6 | 0 | 1 | 5 | 4-26 | 1 |

Norwegiýa—Ysraýyl: 5-0, Estoniýa—Italiýa: 1-3; Estoniýa—Moldowa: 1-1, Italiýa—Ysraýyl: 3-0

| Or. | «J» | O | Ý | D | U | P | O |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | BELGIÝA | 6 | 4 | 2 | 0 | 21--6 | 14 |
| 2 | D. IRLANDIÝA | 7 | 3 | 4 | 0 | 12--3 | 13 |
| 3 | UELS | 6 | 3 | 1 | 2 | 13--10 | 10 |
| 4 | GAZAGYSTAN | 7 | 2 | 1 | 4 | 8--12 | 7 |
| 5 | LIHTENŞTEÝN | 6 | 0 | 0 | 6 | 0--23 | 0 |

Gazagystan—Lihtenşteýn: 4-0, Belgiýa—D. Makedoniýa: 0-0; D. Makedoniýa—Gazagystan: 1-1, Uels—Belgiýa: 2-4

| Or. | «K» | O | Ý | D | U | P | O |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | ANGLIÝA | 6 | 6 | 0 | 0 | 18-0 | 18 |
| 2 | ALBANIÝA | 6 | 3 | 2 | 1 | 6-3 | 11 |
| 3 | SERBIÝA | 6 | 3 | 1 | 2 | 7-7 | 10 |
| 4 | LATWIÝA | 7 | 1 | 2 | 4 | 4-13 | 5 |
| 5 | ANDORRA | 7 | 0 | 1 | 6 | 3-15 | 1 |

Latwiýa—Andorra: 2-2, Serbiýa—Albaniýa: 0-1; Andorra—Serbiýa: 1-3, Latwiýa—Angliýa: 0-5

| Or. | «L» | O | Ý | D | U | P | O |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | HORWATIÝA | 6 | 5 | 1 | 0 | 20--1 | 16 |
| 2 | ÇEHIÝA | 7 | 4 | 1 | 2 | 12--8 | 13 |
| 3 | FARER ADALARY | 7 | 4 | 0 | 3 | 10--6 | 12 |
| 4 | GARADAG | 6 | 2 | 0 | 4 | 4--13 | 6 |
| 5 | GIBRALTAR | 6 | 0 | 0 | 6 | 2--20 | 0 |

Çehiýa—Horwatiýa: 0-0, Farer adalary—Garadag: 4-0; Farer adalary—Çehiýa: 2-1, Horwatiýa—Gibraltar: 3-0



Sahypany taýýarlan Hajymyrat SÖÝÜNOW.

# Afrikadan 9 topar Dünýä Kubogyna gatnaşýar

**Dünýä Kubogy 2026-nyň saýlama tapgyrynyň Afrika zolagyndaky toparçadaky duşuşyklary tamamlanyp, yklymyň adyndan wekilçilik etjek 9 ýygyndy belli boldy. Olaryň hataryna pleý-off duşuşyklaryndan soň ýene biriniň goşulmagy mümkin. Sentýabr aýyndaky oýunlardan soň «E» toparçadan Marokko bilen «H» toparçadan Tunisiň ýygyndylary 7-nji gezek iň uly futbol baýramçylygyna ýollanma alypdylar. Toparçalardaky soňky duşuşyklardan soň bolsa olaryň hataryna «A» toparçadan Müsüriň, «G» toparçadan Alžiriň, «I» toparçadan Gananyň, «D» toparçadan Kabo Werdeniň, «C» toparçadan Günorta Afrikanyň, «F» toparçadan Kot-d’Iwuaryň hem-de «B»toparçadan Senegalyň ýygyndylary goşuldylar. Toparçalarynda 2-nji ýeri eýelänleriň arasynda 8 oýun hasaba alnanda, iň gowy 4 topar Kamerunyň, Kongo DR-niň, Gabonyň hem-de Nigeriýanyň ýygyndylary 2-nji saýlama tapgyryna çykdylar. Olar noýabr aýynda ýarym final we final oýunlaryndan ybarat pleý-off tapgyryny geçirerler. Finalda ýeňiş gazanan topar bolsa yklymlararasy pleý-off tapgyryna çykar.**









**«A» toparçada** Müsüriň ýygyndysy myhmançylykda Jibutiniň ýygyndysyndan 3–0 hasabynda üstün çykdy. Duşuşykda müsürlileriň gollaryny Ibrahim Adel (8) bilen Mohamed Salah (14, 84) derwezä girizdi. Şunlukda, toparçalardaky duşuşyklaryň tamamlanmagyna 1 oýun galanda, Müsüriň ýygyndysy Dünýä Kubogyna wekilçilik etmäge hukuk gazandy. Umumylykda 4-nji gezek gatnaşjak Müsüriň ýygyndysy mundan öň 1934-nji, 1990-njy hem-de 2018-nji ýyllarda futbolyň iň uly baýramçylygynda çykyş edipdi. Müsüriň ýygyndysy soňky duşuşygynda Gwinea-Bissaunyň ýygyndysyny 1–0 hasabynda ýeňdi.

**«B» toparçada** öňdebaryjy Senegalyň ýygyndysy ýalňyşlyk goýbermedi. Öz meýdançasynda Mawritaniýanyň ýygyndysyny 4–0 hasabynda ýeňen Senegalyň ýygyndysy bassyr 3-nji gezek Dünýä Kubogyna gatnaşar (2018, 2022, 2026). Duşuşykda Senegalyň gollarynyň 2-sini Sadio Mane (45+1, 48), beýlekileri-de Ndiaýe (64) bilen Diallo (85) geçirdi. Kongo DR-niň ýygyndysy öz meýdançasynda Sudanyň ýygyndysyndan 1–0 hasabynda üstün çyksa-da, bu olaryň 52 ýyldan soň Dünýä Kubogyna gatnaşmagy üçin ýeterlik bolmady.

**«C» toparçada** 3 ýygyndynyň arasynda soňky oýunlara çenli ýiti göreş dowam edip, Beniniň ýygyndysy 1-nji orunda barýardy. Ýöne Beniniň ýygyndysy 3-nji ýerdäki Nigeriýanyň ýygyndysyndan 4–0 hasabynda asgyn geldi. Wiktor Osimheniň het-trik eden duşuşygyndan soň Nigeriýanyň ýygyndysyna bu ýeňiş ýeterlik bolmady. Ruandanyň milli toparynyň derwezesinden jogapsyz 3 gol geçiren Günorta Afrikanyň milli topary toparçada 1-nji orna beýgeldi. Şunlukda, Günorta Afrikanyň milli topary 18, Nigeriýanyň ýygyndysy 17, Beniniň ýygyndysy 17 utuk bilen saýlama tapgyrynyň oýunlaryny tamamlady. Günorta Afrikanyň ýygyndysy 16 ýyldan soň 4-nji gezek Dünýä Kubogyna gatnaşar. Olar mundan öň 1998-nji, 2002-nji hem-de 2010-njy ýyllarda Dünýä Kubogyna gatnaşypdylar.

### Ilkinji gezek gatnaşýar

**«D» toparçada** çykyş eden Kabo Werdeniň ýygyndysy taryhynda ilkinji gezek Dünýä Kubogyna gatnaşar. Afrikanyň günbatarynda ýerleşýän arhipelag adalardan düzülen ýurduň milli ýygyndysy toparçadaky soňky duşuşygynda Eswatininiň ýygyndysyndan Liwramento, W. Semedo hem-de Stopiranyň gollary esasynda 3–0 hasabynda üstün çykdy. Netijede, 2-nji ýerdäki Kamerunyň ýygyndysyndan 4 utuk öňe saýlanan Kabo Werdeniň milli ýygyndysy toparçalardaky oýunlarda öz meýdançasynda ýeke gol hem geçirtmedi, şol sanda ýeke gezek hem ýeňilmedi.

Kabo Werdeniň ýygyndysy Dünýä Kubogy 2026-nyň Özbegistanyň hem-de Iordaniýanyň ýygyndylaryndan soň 3-nji debýutant topary bolar. Umumylykda bolsa Dünýä Kubogyna wekilçilik etjek 83-nji ýygyndy hökmünde hasaba alyndy. Kabo Werde Islandiýadan soň Dünýä Kubogynda çykyş etjek iň az ilatly 2-nji ýurt bolar. Kabo Werdeniň 593 müň ilaty bar.

Afrika yklymynyň öňdebaryjy ýygyndylaryndan Kamerunyň milli topary toparçada 2-nji ýeri eýeläp, pleý-off tapgyryndan ýollanma almak üçin göreşer.

### Ispaniýanyň rekordyny täzeledi

**«E» toparçada** Dünýä Kubogyna ozal ýollanma alan Marokkonyň ýygyndysy Kongonyň ýygyndysyny En-Nesiriniň 63-nji minutdaky ýeke-täk goly esasynda ýeňlişe sezewar etdi. Marokkonyň ýygyndysy bassyr 16-njy ýeňşini gazanmak bilen bu ugurda Ispaniýanyň ýygyndysynyň 15 oýunlyk rekordyny täzelemegi başardy. Ispaniýanyň ýygyndysy 2008-2009-njy ýyllarda yzly-yzyna 15 oýunda ýeňiş gazanypdy. Marokkonyň ýygyndysy soňky gezek 2024-nji ýylyň martynda Mawritaniýa bilen golsuz deňme-deň oýnap, şondan bäri 16 duşuşykda 50 gol geçirdi.

### 4 gol geçirip, gyzyl kart aldy

**«F» toparçada** 2 sany täsin duşuşyk geçirilip, olaryň ikisinde-de 7 gol derwezä girizildi. Toparçanyň lideri Kot-d’Iwuaryň ýygyndysy myhmançylykda Seýşel adalarynyň ýygyndysyndan 7–0 hasabynda üstün çykdy. Gollaryň 7-sini hem 7 dürli futbolçy geçirdi. 2-nji ýerde barýan Gabonyň ýygyndysy bolsa myhmançylykda Gambiýanyň ýygyndysyny 4–3 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi. Çekeleşikli geçen oýunda Gabonyň 4 golunyň-da ýyldyz oýunçy Pier-Emerik Obameýang derweze girizdi. Ol 20-nji, 42-nji, 62-nji we 76-njy minutlarda tapawutlandy. Oýnuň tamamlanmagyna 4 minut galanda bolsa Obameýanga gyzyl kart görkezilip, ol meýdançadan kowuldy. Ýer eýesi Gambiýanyň gollaryny Minteh (23) bilen Sidibeh (45+2, 47) geçirdi.




Kot-d’Iwuaryň ýygyndysy 10-njy duşuşygynda Keniýanyň ýygyndysyny 3–0 hasabynda ýeňdi. Duşuşykda Kessi (7), Diomande (54) hem-de Dialla (84) tapawutlanyp, utugyny 26-a ýetirip, 12 ýyldan soň Dünýä Kubogyna gatnaşmaga hukuk gazandy. Bu olaryň 4-nji synanyşygy bolar (2006, 2010, 2014, 2026). Gabonyň ýygyndysy öz meýdançasynda Burundiniň ýygyndysyny 2–0 hasabynda ýeňse-de, bu olara ýeterlik bolmady.

**«G» toparçada** çykyş edýän Alžiriň ýygyndysy myhmançylykda Somaliniň ýygyndysyndan 3–0 hasabynda üstün çykdy. Gollary Amura (7, 57) bilen Mahrez (19) öz atlaryna ýazdyrdylar. Şeýlelikde, toparçadaky oýunlaryň tamamlanmagyna 1 duşuşyk galanda, Alžiriň ýygyndysy 2-nji ýerdäki Ugandadan 4 utuk öňe saýlandy we 12 ýyllyk arakesmeden soň, 5-nji gezek Dünýä Kubogyna gatnaşmaga hukuk gazandy. Olar mundan öň 1982-nji we 1986-njy ýyllarda, şol sanda 2010-njy we 2014-nji ýyllarda Dünýä Kubogynda çykyş edipdiler.

**«I» toparçadaky** iň soňky duşuşygynda Gananyň ýygyndysy öz meýdançasynda Komor adalarynyň milli toparyny 1–0 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi. Şol goly-da 47-nji minutda Mohammed Kudus geçirdi. Şunlukda, Gananyň milli ýygyndysy 10 oýunda 25 utuk toplap, bassyr 2-nji, umumylykda 5-nji gezek Dünýä Kubogyna gatnaşmaga hukuk gazandy (2006, 2010, 2014, 2022, 2025).

Taryhynda ilkinji gezek Dünýä Kubogynyň final tapgyryna gatnaşmaga golaýlan Madagaskaryň ýygyndysy myhmançylykda Maliden 4-1 hasabynda asgyn geldi we toparçany 2-nji orunda tamamlady.

## 48 ýygyndynyň 28-si belli boldy

Geljek ýylyň tomsunda 3 ýurtda – Kanada, Meksika we ABŞ-da geçiriljek 23-nji FIFA Dünýä Kubogyna gatnaşjak 48 toparyň 28-si belli boldy. Olaryň 3-si ýer eýeleri bolup, galan 25 ýygyndy dowam edýän saýlama duşuşyklarynyň netijesinde hukuk gazanan toparlardyr. Oktýabr aýyndaky duşuşyklarda Afrika yklymynyň ähli topary-da belli bolup, ýene bir ýygyndynyň yklymlar arasy pleý-off oýunlaryndan soň sanawa goşulmagy mümkin. Aziýadan ýene-de 2 ýygyndy belli bolsa, Ýewropadan ilkinji topar bolmaklyk Angliýanyň ýygyndysynyň paýyna düşdi. Noýabr aýyndaky oýunlardan soň Ýewropadan 11 ýygyndy Angliýanyň hataryna goşular. Şol sanda Demirgazyk Amerikadan hem ýer eýelerinden daşgary ýene-de 3 ýygyndy final tapgyryna gatnaşar. Geljek ýylyň mart aýynda-da Ýewropadan ýene 4, şol sanda yklymlararasy pleý-off duşuşyklaryndan hem 2 ýygyndy Dünýä Kubogyna gatnaşmaga ýollanma alar.

**ÝER EÝELERI:** Kanada, Meksika, ABŞ
**AZIÝA:** Ýaponiýa, Eýran, Özbegistan, Koreýa Respublikasy, Iordaniýa, Awstraliýa, Katar, Saud Arabystany
**OKEANIÝA:** Täze Zelandiýa
**GÜNORTA AMERIKA:** Argentina, Braziliýa, Ekwador, Urugwaý, Kolumbiýa, Paragwaý
**AFRIKA:** Marokko, Tunis, Müsür, Alžir, Gana, Kabo Werde, Günorta Afrika, Kot-d’Iwuar, Senegal
**ÝEWROPA:** Angliýa



## Ýaponiýa ilkinji gezek Braziliýadan üstün çykdy




Ýaponiýanyň Týofu şäherinde oýnalan ýoldaşlyk duşuşygynda ýer eýeleriniň ýygyndysy Braziliýanyň milli toparyndan 3–2 hasabynda üstün çykdy. Duşuşygyň 1-nji ýarymynda myhmanlar Paulo Enrikeniň (26) hem-de Gabriel Martinelliniň (32) gollary bilen 2–0 hasabynda öňe saýlandy. Ýöne ruhdan düşmedik Ýaponiýanyň ýygyndysy 20 minutyň dowamynda 3 gol geçirip, ýeňiş gazanmagy başardy. Olara ýeňiş getiren gollary 52-nji minutda Minamino, 62-nji minutda Nakamura hem-de 71-nji minutda Ueda öz atlaryna ýazdyrdylar. Şunlukda, Ýaponiýanyň ýygyndysy taryhynda ilkinji gezek Braziliýanyň ýygyndysyny ýeňmegi başardy. Mundan öňki 13 oýunda Braziliýa 11 gezek ýeňip, 2 oýunda-da deňme-deň oýnapdy. Braziliýanyň ýygyndysy bu oýundan öň Koreýa Respublikasynyň ýygyndysyny myhmançylykda 5–0 hasabynda ýeňipdi. Şol oýunda brazilleriň gollaryny Estewao (13, 47), Rodrigo (41, 49) hem-de Winisius Junior (77) derweze girizdi.

## Lionel Messi iň köp asist eden oýunçy




Argentinanyň ýygyndysy ABŞ-da ilki Wenesuelany Lo Çelsonyň 31-nji minutdaky ýeke-täk goly bilen 1-0 hasabynda ýeňdi. 2-nji duşuşygynda bolsa Puerto Rikonyň ýygyndysyndan 6-0 hasabynda üstün çykdy. Tangoçylaryň gollaryny Mak Allister (14, 36), Montiel (23), Eçewarriýa (64 ö.d.) hem-de Lautara Martines (79, 84) geçirdi. Duşuşykda 2 goluň pasyny beren Messiniň milli topardaky asistleriniň sany 60-a ýetdi. Ol häzirki wagtda milli ýygyndyda iň köp asist eden futbolçy bolup, rekordy öz adyna geçirdi. Bu ugurda ozalky rekord Messiniň köne topardaşy, braziliýaly Neýmar Juniora hem-de amerikaly Landon Donowana degişlidi. Olaryň ikisi-de 58 gezek asist edipdi.

# Ýene-de KHDR-li pälwanlar öňe saýlandy

**Norwegiýanyň Fýorde şäherinde geçirilen agyr atletika boýunça Dünýä çempionaty tamamlandy. 9 günläp dowam eden çempionatda birnäçe dünýä rekordy täzelendi. Medal sanawynda KHDR-niň pälwanlary öňe saýlanyp, olar umumylykda 5 altyn, 3 kümüş, 1 bürünç, jemi 9 medal gazandylar. KHDR-niň wekilleri 1-den köp altyn medal alan ýeke-täk ýurt boldy. Olar geçen ýylky çempionatda 9 altyn medal alypdylar. Bürünç medalda artykmaçlyk görkezen Kolumbiýa 2-nji, Tailand 3-nji orny eýeledi. Olaryň 2-si hem altyndyr kümüş medallaryň hersinden birini, Kolumbiýa 3 bürünç, Tailand 2 bürünç medal gazandy. Jemi 12 ýurduň türgeni altyn, 25 ýurduň türgeni-de umumylykda medal gazanmagy başardy.**






Koreýa Halk Demokratik Respublikasynyň türgenleriniň gazanan altyn medallarynyň ählisi-de zenan pälwanlara degişli bolup, olar başdaky 5 agram görnüşinde (48, 53, 58, 63, 69) münberiň çür depesine çykdylar. 48 kg agramda Ri Son Gum bassyr 2-nji altyn medalyny gazanyp, ol itekläp götermekde hem-de umumy agramda dünýä rekordyny täzeledi (91 kg, 122 kg, 213 kg). 53 kg agramda çykyş eden Kan Hýon Gýon hem edil watandaşy ýaly 2-nji gezek münberiň iň ýokary basgançagyna çykdy. 58 kg agramda ýaryşan Kim Il Gýon hem Manama 2024-den soň bu çempionatda-da altyn medal gazanmagy başardy. Ol birbada hem-de itekläp götermekde nigeriýaly Rafiatu Lawaldan üstün çykdy. Onuň umumy galdyran agramy (236 kg) dünýä rekordyna deň boldy. 63 kg agramda çykyş eden Ri Suk 3 görkeziji boýunça-da altyn medalynyň üstüni dünýä rekordlary bilen ýetirdi (111 kg, 142 kg, 253 kg). Ol hem yzly-yzyna 2-nji altyn medalyny boýnuna dakdy. 69 kg agramda Son Gukhýan hem watandaşlarynyň üstünligini gaýtalap, 2-nji altyn medalyny gazandy. Ol hem 3 görkeziji boýunça-da öz agramynda dünýä rekordyny goýmagyň hötdesinden geldi (120 kg, 150 kg, 270 kg).

77 kg agramda amerikaly Olimpiýa çempiony Oliwiýa Riwes Manamadan soň Fýordede hem altyn medalyň eýesi boldy. Müsürli Sara Ahmed hem-de kolumbiýaly Mariýa Sançesden üstün çykan amerikaly agyr atletikaçy 3 görkezijide hem dünýä rekordyny täzeledi (123 kg, 155 kg, 278 kg). 86 kg agramdan ýer eýeleriniň türgeni Solfrid Koanda Olimpiýa çempionlygyndan soň 2-nji gezek Dünýä çempiony bolmagy başardy. Ol umumylykda 2-nji ýeri eýelän Dominikan Respublikasynyň türgeni Ýudelina Meýiadan 1 kg artyk göterdi. Koanda 2022-nji ýylda-da Dünýäniň çempionlygyny gazanypdy. 86 kg agramda ýokary bolanlaryň arasynda çempionlyk gazanmak Koreýa Respublikasynyň pälwany Pak He Çona miýesser etdi. Ol kubaly Marifeliks Sarriany hem-de amerikaly Meri Teisen-Lappeni yzda galdyrdy. 22 ýaşyndaky Pak He Çon 2023-nji ýylda-da altyn medalyň eýesi bolupdy.

Erkekleriň arasynda 60 kg agramda hytaýly Wan Hao ilkinji altyn medalyny gazandy. Türkiýeli Muhammed Furkan Özbek 65 kg agramda Dünýäniň çempiony bolýar. Onuň umumy göteren agramy 324 kg bolup, ol dünýä rekordy hökmünde hasaba alyndy. Onuň birbada hem-de itekläp götermekde görkezen netijeleri-de Ýewropanyň rekordyna deň boldy. 71 kg agramda tailandly Wirafon Wiçuma itekläp götermekde (194 kg) hem-de umumy agramda (346 kg) dünýä rekordyny goýup, altyn medaly boýnuna dakdy. Bu agramda hytaýly He Ýueszi birbada götermekde 160 kg agyrlygy galdyryp, dünýä rekordyny täzeledi. Ol umumylykda 3-nji orny eýeledi. 79 kg agramda indoneziýaly Rizki Juniansýah KHDR-li Ri Çon Sondan umumylykda 1 kg artyk göterip, altyn medalyň eýesi boldy (361 kg). Ol itekläp götermekde 204 kg agram bilen dünýä rekordyny hem goýmagyň hötdesinden geldi.

88 kg agramda kolumbiýaly Ýeison Lopes umumylykda 387 kg agramy galdyryp, rekord görkeziji bilen altyn medaly eýeledi. Ol birbada götermekde-de dünýä rekordyny täzeledi (177 kg). 94 kg agram derejesinde bolgariýaly Karlos Nasar altyn medala mynasyp boldy. Umumylykda eýranly Alireza Moeniden öňe saýlanan Nasaryň galdyran 395 kg agramy Ýewropanyň rekordyna deň diýlip bellige alyndy. Ol 2021-nji we 2024-nji ýyllardan soň 3-nji gezek altyn medal gazandy. 110 kg agramda özbegistanly meşhur ştangaçy, Olimpiýa oýunlarynyň çempiony Akbar Joraýew Dünýä çempionatlarynda 3-nji gezek münberiň iň ýokary basgançagyna çykdy. Ol birbada 196 kg, itekläp götermekde 232 kg agramy galdyryp, umumylykda 428 kg agram bilen ýeňiji boldy. Onuň birbada götermekde hem-de umumylykda görkezen netijeleri dünýä rekordy diýlip hasaba alyndy. 2-nji ýeri eýelän eýranly Alireza Nassiri ýaşlaryň arasynda dünýä rekordyny goýdy. Bu agram derejesinde başga bir özbegistanly agyr atletikaçy, 3 gezek Dünýä çempiony Ruslan Nuridinow bu sapar bürünç medal bilen oňňut etmeli boldy. 110 kg-den ýokary bolanlaryň arasynda gruziýaly meşhur agyr atletikaçy, 3 gezek Olimpiýa çempiony, Dünýäniň hem-de Ýewropanyň 7 gezek çempiony, ençeme rekordyň eýesi Laşa Talahadze bu ýaryşa gatnaşmady. Bu agram derejesinde ermenistanly Warazdat Lalaýan 461 kg agram bilen altyn medala mynasyp boldy. Bu onuň bassyr 2-nji çempionlygydyr. Onuň ozalky watandaşy, häzirki wagtda Bahreýniň adyndan çykyş edýän Gor Minasýan 2-nji, Koreýa Respublikasynyň türgeni Son Ýeon Hwan 3-nji orny eýeledi. Minasýan bu gezek hem altyn medal gazanyp bilmedi. Onuň 4 kümüş, 3 bürünç medaly bar.

Agyr atletika boýunça nobatdaky Dünýä çempionaty geljek ýyl Hytaýyň Ninbo şäherinde geçiriler.

# Şanhaýda garaşylmadyk finalda öz doganoglanyny ýeňdi



Hytaýyň Şanhaý şäherinde geçirilen 14-nji «Şanhaý Masters» ýaryşynda garaşylmadyk ýagdaýda monakoly Walanten Waşro ýeňiji boldy. 26 ýaşyndaky tennisçi finalda fransiýaly Artur Rinderkneş bilen duşuşdy. Garaşylmadyk ýagdaýda finala çykan 2 tennisçiniň jemleýji oýnunda fransiýaly raketkaçy 1-nji setde 6:4 hasabynda üstün çykdy. Ýöne monakoly tennisçi 2–3-nji setlerde 6:3-lük hasaplar bilen garşydaşyny ýeňip, karýerasy boýunça ilkinji çempionlygyny gazanmagy başardy. ATP-niň sanawynda 40-njy orunda barýan Waşro 1990-njy ýyldan soň «ATP Masters 1000» ýaryşynda çempionlyk gazanan iň pes basgançakdaky tennisçi diýlip hasaba alyndy. Şeýle-de, ol «ATP Masters 1000» ýaryşlarynda saýlama tapgyryndan gatnaşyp, çempionlyk gazanan 3-nji tennisçi boldy. Ol tennis ýaryşynda ýekeleýin çempionlyk gazanan ilkinji monakoly tennisçi bolup, özüniň ilkinji kubogyny «Masters» ýaryşynda asmana göteren 5-nji tennisçi hökmünde bellige alyndy. «Şanhaý Mastersde» ilkinji, «ATP Masters 1000» ýaryşlarynda bolsa 3-nji gezek finala 2 garaşylmadyk tennisçi çykdy. Waşro bilen Rinderkneş ikisi doganoglan bolup, olar soňky 34 ýylda ATP-niň çäginde bir maşgaladan finala çykan ilkinji tennisçiler boldy. Soňky gezek ATP-niň ýaryşlarynda 1991-nji ýylda «Çikago Açyk» tennis ýaryşynda doganlar Jon we Patrik MakEnrolar finalda oýnapdy. Waşro ýarym finalda Nowak Jokowiçi, Rinderkneş bolsa Daniil Medwedewi ýeňlişe sezewar etdi.

# 47-nji Çikago marafonynyň ýeňijileri





ABŞ-da geçirilen Dünýäniň uly 7 marafon ýaryşynyň biri bolan Çikago marafonynda garaşylmadyk türgenler ýeňiji boldy. 47-nji gezek geçirilen ýaryşda erkekleriň arasynda ugandaly Jeýkob Kiplimo ýeňiş gazandy. Ol 2 sagat 2 minut 23 sekuntda pellehana gelmegi başardy. Bu onuň uly marafonlardaky ilkinji altyn medalydyr. 2-3-nji orunlary keniýaly türgenler Amos Kipruto bilen Aleks Masai paýlaşdylar.

Zenanlaryň arasynda-da efiopiýaly ýeňil atletikaçylar öňe saýlandy. 26 ýaşyndaky Hawi Feýsa 42,195 kilometr aralygy 2 sagat 14 minut 56 sekuntda tamamlamagyň hötdesinden geldi. Ondan 2 minut 22 sekunt gijä galan watandaşy Megertu Alemu 2-nji orny eýeledi. Münberiň 3-nji basgançagyna bolsa tanzaniýaly Magdalena Şauri çykdy.

